**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**

**– TÜRKMENISTAN GAZAGYSTAN BILEN GATNAŞYKLARA AÝRATYN ÄHMIÝET BERÝÄR. GAZAK HALKY BIZIŇ DOGANLYK HALKYMYZDYR, ÝAKYN WE HOŞNIÝETLI GOŇŞYMYZDYR, YGTYBARLY HYZMATDAŞYMYZDYR. BIZI HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYGYŇ KÖPASYRLYK DÄPLERI, UMUMY TARYH, MEDENIÝET, DIL, RUHY GYMMATLYKLAR BAGLANYŞDYRÝAR.**


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

28-nji noýabr, 2025. Belgisi 48/1666


# TÜRKMEN-GAZAK GATNAŞYKLARY — DOST-DOGANLYGYŇ AÝDYŇ NYŞANY



**25-nji noýabrda «Akorda» köşgünde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda ýokary derejeli gepleşikler geçirildi.**

Gazagystanyň Prezidenti döwlet Baştutanymyzy mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip Gazagystana gelendigi üçin hoşallygyny beýan etdi we hormatly Prezidentimiziň şu gezekki döwlet saparynyň däp bolan dostlukly gazak-türkmen gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň ýolunda möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi. Bellenilişi ýaly, Gazagystanda Türkmenistana doganlyk goňşy döwlet we strategik hyzmatdaş hökmünde garalýar. Ýurtlarymyzy köpasyrlyk dostluk, taryhyň, diliň, medeniýetiň umumylygy baglanyşdyrýar. Ikitaraplaýyn gatnaşyklar söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer we beýleki ulgamlarda strategik hyzmatdaşlyk ruhunda ösdürilýär. Gazagystan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanýan daşary syýasatyna hem-de parahatçylygy, durnukly ösüşi pugtalandyrmaga gönükdirilen netijeli halkara başlangyçlaryna ýokary baha berýär.

Hormatly Prezidentimiz Gazagystan Respublikasyna döwlet sapary bilen gelmäge çakylyk, şeýle-de türkmen wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan etdi hem-de pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe iberen salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Dostlukly ýurduň Lideri, öz gezeginde, Gahryman Arkadagymyza iň gowy arzuwlaryny beýan edip, gazak-türkmen gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda türkmen halkynyň Milli Lideriniň ägirt uly goşandyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri esasynda ösdürilýändigini hem-de syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky hyzmatdaşlygyň giň ugurlaryny öz içine alýandygyny nygtady. Bu ugurlaryň her biri boýunça hyzmatdaşlyk gurallary – hökümetara topary, ugurdaş iş toparlary we beýleki utgaşdyryjy düzümler üstünlikli hereket edýär. Bu düzümler ozal gazanylan ylalaşyklary netijeli durmuşa geçirmäge, bilelikdäki başlangyçlary ilerletmäge ýardam berýär.

Syýasy-diplomatik ulgamda ýurtlarymyz halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Iki döwletiň halkara we sebit guramalarynyň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde netijeli gatnaşyklary dowam etdirýändigi bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesini, BMG-niň, beýleki düzümleriň çäklerinde ýurdumyzyň öňe sürýän halkara başlangyçlaryny yzygiderli goldaýandygy üçin gazak tarapyna minnetdarlyk bildirdi. Soňra gepleşikler iki ýurduň wekiliýet agzalarynyň gatnaşmagynda giňeldilen düzümde dowam etdi.

Kasym-Žomart Tokaýew belent mertebeli türkmen myhmanyny ýene-de bir gezek mähirli mübärekläp, gazak we türkmen halklarynyň dostlukly gatnaşyklar, taryhyň, medeni-ruhy gymmatlyklaryň umumylygy bilen baglanyşýan doganlyk halklardygyny belledi. Ol Gazagystanyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy hoşniýetli goňşuçylyk, özara goldaw bermek ruhunda hemmetaraplaýyn ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýändigini aýdyp, bilelikdäki tagallalaryň netijesinde strategik hyzmatdaşlygyň iki doganlyk halkyň bähbidine mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti iki ýurduň arasynda ähli derejede işjeň we netijeli gatnaşyklaryň ýola goýlandygyny, köptaraplaýyn düzümleriň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edilýändigini, sebit hem-de halkara gün tertibiniň köp meseleleri boýunça Gazagystanyň we Türkmenistanyň garaýyşlarynyň gabat gelýändigini ýa-da ýakyndygyny belledi. Mundan başga-da, ol okgunly ösdürilýän medeni-ynsanperwer gatnaşyklar barada aýdyp, Gazagystanda we Türkmenistanda iki halkyň ruhy-medeni mirasyna uly goşant goşan görnükli şahsyýetleriň, hususan-da, Astana şäherinde Magtymguly Pyragynyň, Aşgabatda bolsa Kurmangazy Sagyrbaýulynyň we Abaý Kunanbaýewiň ýadygärlikleriniň açylandygyna ünsi çekdi. Munuň özi doganlyk halklarymyz tarapyndan uly ruhubelentlik bilen kabul edildi. Şoňa görä, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmaga goşýan ägirt uly goşandy üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirdi.

Dostlukly ýurduň Lideri Gazagystanda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistanyň ykdysady ulgamda we halkara giňişlikde gazanýan üstünliklerine ýokary baha berilýändigini aýtdy hem-de pursatdan peýdalanyp, döwlet Baştutanymyzy, ähli türkmen halkyny Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bilen gutlady. Şeýle-de ol Gazagystanyň Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli syýasatyny, sebitde parahatçylygy, durnukly ösüşi pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlaryny goldaýandygyny aýdyp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäklerinde ýurdumyzyň BMG bilen bilelikde geçirýän çäreleriniň ähmiýetini belläp, dekabr aýynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşjakdygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz Gazagystan Respublikasyna döwlet sapary bilen gelmäge çakylyk hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe minnetdarlyk bildirip, soňky ýyllarda Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykarylandygyny nygtap, ony mundan beýläk-de ösdürmek üçin bilelikde tagalla etmäge taýýardygyny beýan etdi.

Bellenilişi ýaly, biziň döwletlerimizi taryhy kökleriň umumylygy, ruhy we medeni gymmatlyklaryň ýakynlygy, aýawly saklanylýan hem-de nesilden-nesle geçirilip gelinýän däp-dessurlarymyz baglanyşdyrýar. Ikitaraplaýyn gatnaşyklar möhüm döwletara resminamalara – strategik hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama hem-de dostlugy pugtalandyrmak we köptaraply strategik hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak hakynda Jarnama esaslanýar.

Türkmenistan hem-de Gazagystan syýasy-diplomatik ulgamda parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, energetika durnuklylygyny pugtalandyrmak, ulag arabaglanyşygyny ösdürmek, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek ýaly ählumumy gün tertibiniň wajyp meseleleri boýunça netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynyň, «Merkezi Aziýa +» formatynyň we beýleki sebit mehanizmleriniň çäklerinde özara hereketleri mundan beýläk-de ösdürmäge taýýardygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz ekologiýa ulgamynda senagat galyndylaryny gaýtadan işlemek, «ýaşyl» gurluşyk, Aral we Hazar deňizleriniň ekoulgamyny goramak ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň möhümdigine ünsi çekdi. Söwda-ykdysady ulgamdaky hyzmatdaşlyk babatda özara haryt dolanyşygynyň durnukly ösýändigi aýdyldy. Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň energetika ulgamynda Gazagystan bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge taýýardygyny, uglewodorod serişdelerini çykarmagyň netijeliligini we ekologik howpsuzlygy ýokarlandyrmak boýunça tejribe alyşmaga, elektroenergetika, himiýa senagaty, metallurgiýa, maşyngurluşyk, dokma senagaty, nebithimiýa, tebigy gazy gaýtadan işlemek, şäher gurluşygy pudaklarynda hyzmatdaşlyk etmäge açykdygyny tassyklady.

Ulag-logistika ulgamy-da ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň strategik ugurlarynyň biridir. Häzirki wagtda ýurtlarymyzy baglanyşdyrýan awtomobil ýol infrastrukturasyny ösdürmek babatda utgaşykly işler alnyp barylýar. Şu aýyň başynda Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsi işe girizildi, Türkmenbaşy şäherinden türkmen-gazak döwlet serhedine çenli awtomobil ýolunyň gurluşygy dowam edýär. Sanly ykdysadyýet, innowasiýalar, oba hojalyk toplumy hem hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarydyr. Suw serişdelerini netijeli peýdalanmak meselesi ikitaraplaýyn, şeýle-de sebit gün tertibinde möhüm orny eýeleýär. Hormatly Prezidentimiz medeni-ynsanperwer ulgamyň türkmen-gazak gatnaşyklarynyň möhüm bölegidigini belläp, ylym, bilim, saglygy goraýyş, bedenterbiýe, sport ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda-da giň mümkinçilikleriň bardygyna ünsi çekdi. ■ 2

## Arheologik tapyndylary tabşyrmak dabaralary geçirildi

*26-njy noýabrda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýine we Arkadag şäheriniň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýine arheologik tapyndylary tabşyrmak dabaralary geçirildi. Dabaralaryň çäklerinde agzalan muzeýlerde Türkmenistanyň taryhyna bagyşlanan sergileriň ýaýbaňlandyrylmagy wakanyň ähmiýetini has-da artdyrdy.*





Mälim bolşy ýaly, «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýylyň ýazky we güýzki möwsümlerinde taryhy-medeni ýadygärliklerde ylmy-barlag, rejeleýiş işleri geçirildi. Türkmenistanyň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirliginiň, ýurdumyzyň döwlet taryhy-medeni goraghanalarynyň, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynyň hünärmenleridir ylmy işgärleri taryhy-medeni ýadygärliklerde giň gerimli ylmy gözlegleri, gazuw-agtaryş, rejeleýiş-dikeldiş işlerini alyp bardylar. Şonuň netijesinde, Watanymyzyň taryhyny we ata-babalarymyzyň durmuşyny şöhlelendirýän möhüm ähmiýetli gymmatlyklar toplandy. Şeýle işler Gökdepe etrabynyň çäginde ýerleşýän Paryzdepe ýadygärliginde, Mäne babanyň kümmetinde, Gadymy Abywert galasynyň orta asyr Juma metjidinde, orta asyr Dehistan şäherindäki Juma metjidinde, Daşoguz welaýatynyň çäginde ýerleşýän Kerwensaraý ýadygärliginde, Gadymy Amul galasynda, Beýik Ýüpek ýolunyň Amul-Horezm şahasynyň ugrunda ýerleşýän Daýahatyn kerwensaraýynda, Mary welaýatyndaky Akjagala kerwensaraýynda geçirildi. Ylmy jemgyýetçiligiň wekilleriniň geçiren bu işleriniň netijesinde, ýurdumyzyň orta asyr şäherlerinde ylmyň, medeniýetiň ösmegi bilen birlikde, hünärmentçilikde, söwda gatnaşyklarynda uly ösüşleriň gazanylandygyna, ata-babalarymyz tarapyndan durmuş üpjünçiliginiň kämil ulgamynyň döredilendigine, binagärligiň özboluşly milli mekdebiniň kemala getirilendigine şaýatlyk edýän anyk maglumatlar ýüze çykaryldy.

Muzeýlere gowşurylan gymmatlyklaryň hatarynda Gadymy Nusaý, Altyndepe, Namazgadepe, Ýylgynlydepe, Garadepe, Paryzdepe ýaly dünýä belli ýadygärliklerden, Ahal welaýatynyň beýleki gadymy ilatly ýerlerinden dürli ýyllarda tapylan 300-den gowrak arheologik tapyndy, şol sanda at heýkeljigi, toýun gaplar, metal merdiwan, peýkam ujy, iş gurallary we beýlekiler bar. ■ 2

## Kadaly ösüşde çaga iýmitiniň ähmiýeti

*Çaganyň sagdyn we beden taýdan dogry ösüşi üçin berilýän iýmitiň düzümi hem-de hili örän möhümdir. Şonuň üçin hem çaga iýmit önümlerine döwlet derejesinde ýörite talaplar bildirilýär. Bu talaplar çagalaryň fiziologik aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, olaryň saglygyny goramagy, howpsuzlygyny üpjün etmegi we hil taýdan doly üpjün etmegi maksat edinýär.*

Çaga iýmit önümlerine bildirilen talaplaryň baş maksady çaganyň ösüp-ulalmagy üçin zerur bolan ähli iýmit elementlerini (belok, ýag, witamin, mineral we ş.m.) üpjün etmek, şol bir wagtyň özünde-de howply himiki, biologik ýa-da tebigy taýdan zyýanly maddalaryň bolmazlygyny kepillendirmekdir.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän giň möçberli saglyk syýasaty ilatyň, aýratyn-da çagalaryň sagdyn ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendir. Sagdyn nesli kemala getirmekde ýokary hilli we howpsuz çaga iýmitleriniň öndürilişi möhüm orun eýeleýär. Arkadag şäherinde döredilen Saglyk Klasteri ýurdumyzyň bu ugurdaky mümkinçiliklerini has-da giňeldip, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän hil taýdan ygtybarly önümleriň öndürilmegini üpjün edýär.

Arkadag şäheriniň gurluşygynda «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda innowasiýalar we sanly çözgütler ulanyldy. Şäherde döredilen «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasy ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň täze öndürijilik kuwwatyny emele getirip, lukmançylyk, iýmit we sanitariýa önümleriniň milli önümçiligini ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

Klasteriň önümçilik desgalary häzirki zaman tehnologiýalary, ýokary arassalyk şertleri hem-de halkara standartlaryna laýyk gözegçilik ulgamlary bilen üpjün edilendir. Bu bolsa önümleriň hilini we howpsuzlygyny üpjün etmekde möhüm şert bolup hyzmat edýär. Bu çaga iýmitleriniň düzümi witaminler we makro-mikro elementler bilen baýlaşdyrylan bolup, olaryň sagdyn nesli ösdürip ýetişdirmekde orny örän uludyr. ■ 2








4 **G20 sammiti geçirildi**
22-23-nji noýabrda Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherinde G20 toparynyň sammiti geçirildi.



5 **Tort haçandan bäri taýýarlanylýar?!**
Ilkinji tortuň haçan peýda bolandygy belli däl. Bu süýjüligiň taryhynyň 2 müň ýyldan gowrakdygy çaklanylýar.



6 **Dünýäniň iň gymmat iýmitleri**
Ýaşaýyş üçin esasy serişde bolan iýmitiň käbir görnüşi belli bir sebitde öndürilmegi bilen tapawutlanýar.




7 **Soňky 53 ýylda ilkinji gezek**
Tennis boýunça erkekleriň arasyndaky milli ýygyndylaryň ýaryşy bolan Dewis Kubogynda ýene-de çempion üýtgemedi.



8 **Pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi**
FIFA Dünýä Kubogy 2026-nyň ähli yklymlardaky saýlama duşuşyklarynyň esasy tapgyry tamamlandy we gatnaşjak 48 ýygyndynyň 42-si belli boldy.

## Köp ilatly şäherleriň sanawy

Birleşen Milletler Guramasy dünýäniň köp ilatly şäherleri barada maglumat ýaýratdy. Maglumatda dünýäniň iň köp ilatly şäherleriniň sanawy berilýär. Sanawda ilkinji gezek Indoneziýanyň paýtagty Jakarta öňdeligi eýeledi. Şäheriň ilatynyň 42 milliona golaýdygy mälim edildi. Bangladeşiň Dakka şäheri 36,6 million ilaty bilen ikinji boldy. Köp



ýyldan bäri bu sanawda birinji orny eýelän Tokio bolsa, iki basgançak aşak düşüp, üçünji ýeri eýeledi. Ýapon paýtagtynyň 33,4 million töweregi ilaty bar. Dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistanyň paýtagty Nýu-Deliniň ilaty 30 milliondan geçýär. Hytaýyň kenarýaka Şanhaý şäheri 29,6 million ýaşaýjysy bilen ilkinji bäşlige giripdir. Guançžou (27,6 million, Hytaý), Kair (25,6 million, Müsür), Manila (24,7 million, Filippinler Respublikasy), Mumbaý (24,6 million, Hindistan) we Pekin (23,2 million, Hytaý) ilkinji onluga giripdir.

**Gülaýym AMANGULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.*

## Täze awiakompaniýalar gurlar

Saud Arabystany Patyşalygy syýahatçylyk pudagyny ösdürmek maksady bilen üç sany täze awiakompaniýa döretmegi meýilleşdirýär. Ýurtda häzirki wagtda «Saudia», «Riyadh Air», «Flynas» we «Flyadeal» awiakompaniýalary bar. Patyşalyk 2030-njy ýyla çenli 150 million syýahatçyny kabul etmegi maksat edinýär. Täze



esaslandyryljak awiakompaniýalaryň biriniň merkezi Ed-Dammam şäherinde ýerleşip, arzan bahaly hyzmatlary hödürlär. Täze guruljak awiakompaniýa 2030-njy ýyldan başlap, Patyşa Fahdyň adyny göterýän aeroportdan 24 ýerli we 57 daşary ýurt şäherlerine uçuşlary amala aşyrar. Ýene bir awiakompaniýa Medine şäherinde esaslandyrylyp, mukaddes ýerlere barjak zyýaratçylara hyzmat etmäge ýöriteleşer.

**Ogulsapar HOJAMMEDOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## 113 ýyllyk sagat rekord bahadan satyldy

1912-nji ýylda batan Titanik gämisinden galan jübi sagady 1,78 million funt sterlinge satyldy. Isidor Straus atly ýolagça degişli bolan sagat häzire çenli onuň maşgala agzalary tarapyndan nesilme-nesil saklanyp gelipdir. Sagadyň dili pajyganyň bolup geçen wagty bolan



02:20-de durup galypdyr. Altyn sagady Ida Straus ýanýoldaşyna 1888-nji ýylda 43 ýaşy dolanda, doglan gününe sowgat alyp beripdir. Sagadyň ýüzüne onuň adynyň we familiýasynyň baş harplary oýulyp ýazylypdyr.

Londonda geçirilen auksionda bu gämiden galan başgada birnäçe zat satyldy. Olaryň arasynda Ida Strausyň «Titanik» ýazgyly kagyza ýazan haty 100 müň funt sterlinge, ýolagçylaryň sanawy 104 müň funt sterlinge satyldy.

**Aýjan SAPAROWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## Kosmos interneti ýaýbaňlanýar

«Amazon» kompaniýasy kosmosdan internet hödürlemek üçin giň gerimli taslamany durmuşa geçirýär. Golaýda kompaniýa «Amazon Leo Ultra» atly iş ýerlerine niýetlenen kosmos terminalyny tanyşdyrdy. Bu enjam 1 Gb/s tizlikde internet bilen üpjün edýär. Bu görkeziji «Starlink» internetinden has ýokary tizlik diý-



megi aňladýar. Kompaniýa enjamyň dürli howa şertlerine çydamlydygyny belleýär. Ululygy 50x75x5sm ölçeginde bolan enjam «Amazon» tarapyndan işlenip taýýarlanan silikon çipler we signaly gaýtadan işleýän ösen algoritmler bilen üpjün edilipdir.

Terminal, esasan, edara-kärhanalar we kyn tebigy şertlerde işleýänler üçin niýetlenendir. Häzirki wagtda «Starlink» kosmos interneti dünýäniň köp ýerine ýaýran.

**Selbi SÖÝÜNOWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

## Syýahatçylar üçin iň gowy köçeler

Şäherler barada maglumat ýaýradýan «Time Out» media kompaniýasy syýahatçylaryň gezelenç etmegi üçin iň gowy 30 şäheriň sanawyny taýýarlady. Birinji orny Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherindäki Rua-du-Senado şaýoly eýeledi. Taryhy köçäniň ugrundaky dükanlar we hepdäniň ahyrynda geçirilýän sport çäreleri ýerli halk bilen bir hatarda



şäheriň myhmanlaryny hem özüne çekýär. Şu ýyl «EKSPO 2025» halkara sergisiniň geçirilen ýeri bolan Ýaponiýanyň Osaka şäherindäki Orenj Strit köçesi ikinji, Portugaliýanyň Porto şäherindäki Rua-du-Bonžardim köçesi üçünji ýeri eýeläpdir. Sanawa «Fang Gua Street» (Çendu, Hytaý), Şerbruk-strit (Monreal, Kanada), «Montague Road» (Brisben, Awstraliýa), Maýbahufer (Berlin, Germaniýa), «Olimpiou Street» (Saloniki, Gresiýa), Orçard-strit (Nýu-Ýork, ABŞ) we «Vinh Khanh Street» (Hoşimin, Wýetnam) ilkinji onluga giripdir.

**Laçyn ORAZOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.*

## Bir ýagtylyk güni uzaga gitdi

1977-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda uçurylan «Voyager 1» kosmos gämisiniň Ýerden bir ýagtylyk güni uzaklyga gidendigi mälim edildi. Kosmos giňişligindäki syýahatyny şondan bäri dowam etdirýän enjam 25,3 milliard kilometr uzaklaşdy. Bu aralyk ugradylan habaryň 23 sagat



33 minutda barjakdygyny aňladýar. Geljek ýylyň 15-nji noýabrynda kosmos gämisi 25,9 milliard kilometre ýeter.

Şeýlelikde, ABŞ-nyň Aerokosmos edarasy (NASA) tarapyndan uçurylan enjam ýarym asyra golaý wagtdan soň bir ýagtylyk ýyly uzaga giden ilkinji enjam bolar. Astronomiýada bir ýagtylyk güni diýlip, şöhläniň 24 sagatda geçýän aralygyna aýdylýar.

**Mähri KAKAJANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# TÜRKMEN-GAZAK GATNAŞYKLARY – DOST-DOGANLYGYŇ AÝDYŇ NYŞANY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

### HORMATLY PREZIDENTIMIZ «ALTYN KYRAN» ORDENI BILEN SYLAGLANDY

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Gazagystan Respublikasynyň iň ýokary sylagy – «Altyn Kyran» ordeni bilen sylaglamak dabarasy boldy.

Dabaranyň dowamynda Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Türkmenistanyň durmuş-ykdysady kuwwatyny, halkara abraýyny, döwlet gurluşyny yzygiderli berkitmekde görnükli döwlet işgäri we parasatly ýolbaşçy hökmünde hormatly Prezidentimiziň aýratyn ornuny nygtady. «Siz türkmen halkynyň Milli Lideri, çuňňur hormatlanylýan Arkadag Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň geljegi nazarlaýan strategik ugruny mynasyp dowam etdirýärsiňiz. Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistan ykdysady taýdan okgunly ösýär, ýurduňyzda senagat we



ulag infrastrukturasy işjeň döwrebaplaşdyrylýar, döwletiň energetika kuwwatyny pugtalandyrmak, ony tehnologik taýdan özgertmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Siziň öňdengörüjilikli başlangyçlaryňyz netijesinde doganlyk Türkmenistanda giň gerimli, durmuş ugurly taslamalar yzygiderli durmuşa geçirilýär. Ylym-bilim ulgamy ösdürilýär, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesi ýokarlandyrylýar. Bu üstünlikleriň ählisi tüýs ýürekden hormata we iň ýokary baha mynasypdyr» diýip, gazak Lideri belledi.

Ol hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň halkara abraýyny, diplomatiýanyň, parahatçylygyň hem-de durnuklylygyň merkezi hökmünde eýeleýän ornuny pugtalandyrmak boýunça edýän tagallalary barada aýratyn durup geçdi. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Prezident Kasym-Žomart Tokaýew iki ýurduň arasynda dostlugy, özara düşünişmegi we strategik hyzmatdaşlygy berkitmekde döwlet Baştutanymyzyň şahsy goşandyny belläp, şu günki gepleşikleriň netijeleri boýunça gazanylan ylalaşyklaryň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň gazak-türkmen gatnaşyklarynda täze sahypany açjakdygyna ynam bildirdi hem-de döwlet Baştutanymyzy Gazagystan Respublikasynyň iň ýokary sylagy – «Altyn Kyran» ordeni bilen sylaglady.

Hormatly Prezidentimiz Gazagystan Respublikasynyň iň ýokary sylagy bilen sylaglanylandygy üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe we Gazagystanyň ähli doganlyk halkyna minnetdarlyk bildirip, bu sylaga Türkmenistanyň halkyna goýulýan ýokary hormatyň nyşany, halklarymyzy asyrlaryň dowamynda baglanyşdyryp gelýän berk dostlugyň we hoşniýetli goňşuçylygyň subutnamasy hökmünde garaýandygyny aýtdy.

Soňra Bilelikdäki Beýannama gol çekmek hem-de ikitaraplaýyn resminamalary alyşmak dabarasy boldy. Hemmeleriň el çarpyşmalary astynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew Bilelikdäki Beýannama gol çekdiler.

## Kadaly ösüşde çaga iýmitiniň ähmiýeti

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ekologiýa taýdan arassa ýerli çig mallardan öndürilýän bu önümler diňe bir içerki bazarda däl, eýsem, daşary ýurtlarda hem uly isleg bilen satyn alynýar. Bu bolsa, türkmen önümçiliginiň ýokary hili we dünýä bazarla-



ryndaky bäsdeşlige ukyplydygy barada aýdyň subutnamadyr.

Çaga iýmitleriniň öndürilişinde halkara standartlaryna laýyklykda birnäçe basgançaklaýyn barlag ulgamy hereket edýär. Önümleriň her tapgyry bakteriologik, mikrobiologik we himiki synaglardan geçirilýär. Şeýle-de allergik howpy azaltmak maksady bilen ýörite lukmançylyk barlaglary ýerine ýetirilýär.

«Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynda öndürilýän çaga iýmitleri döwletimiziň sagdyn we beden taýdan berk nesli kemala getirmek boýunça alyp barýan syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Önümleriň ýokary hili, halkara ölçeglerine laýyklygy we ygtybarlylygy Türkmenistanyň häzirki zaman önümçilik kuwwatynyň ösüşi hem-de ýaş nesliň saglygyna goýulýan uly ünsüň aýdyň beýany bolup durýar.

Çaga iýmit önümlerine bildirilýän talaplar – jemgyýetiň iň wajyp bölegi bo-



lan çagalaryň saglygyny goramak üçin möhüm ähmiýete eýedir. Bu talaplar diňe tehniki mesele bolman, eýsem, jemgyýetiň sagdyn geljegini üpjün edýän ýörelge hökmünde kabul edilmelidir.

**Bahargül ANNALYÝEWA,**
*Kaka etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň arassaçylyk-gigiýena bölüminiň sanitariýa lukmany.*

## HAÝYR-SAHAWATYŇ GERIMI GIŇEÝÄR



Gahryman Arkadagymyz tarapyndan döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy özüniň asylly işini üstünlikli dowam etdirýär we öz gerimini giňeldýär. 4 ýyl mundan ozal döredilen hem-de merkezi Arkadag şäherinde ýerleşýän haýyr-sahawat gaznasynyň ilkinji şahamçasy «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda açylar.

Habar berlişi ýaly, häzirki döwre çenli tutuş ýurdumyzda 700-den gowrak çaga lukmançylyk operasiýalary geçirilip, olara ýatymlaýyn şertlerde bejergiler amala aşyryldy. Şu ýylyň ýanwar–oktýabr aýlarynda näsag çagalaryň 163-sinde operasiýa geçirildi. Mundan başga-da, 900-e golaý çaga dikeldiş-bejergi işleri ýerine ýetirildi.

Gahryman Arkadagymyzyň öwüt-ündewlerinden hem-de berýän peýdaly maslahatlaryndan ugur alnyp, gaznanyň milli ynsanperwerlik ýörelgelerini esasy ugur edinýän işini has-da kämilleşdirmek we onuň gerimini giňeltmek meselelerine aýratyn ähmiýet berilýär.

Ösüp gelýän nesiller baradaky alada biziň beýik we ýagty geljegimiz baradaky aladadyr. Amala aşyrylýan bu işler watandaşlarymyzyň häzirki we geljek nesilleriniň bagtyýar durmuşynyň binýadyny berkitmekde möhüm ähmiýete eýedir. Bu ugurda taryhy işleri durmuşa geçirýän haýyr-sahawat gaznasynyň işleri has-da ilerledilýär hem-de halkara hyzmatdaşlykda möhüm tapgyrlara eýe bolýar.

**Dawut ATAJANOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Türkmen keşdeçilik sungaty – milli mirasymyz

Türkmen keşdeçilik sungaty gadymdan bäri halkymyzyň durmuşynda, medeniýetinde we ýörelgelerinde aýratyn orun eýeleýär. Ol diňe bir dokma sungatynyň bir görnüşi bolman, eýsem, ene-mamalarymyzyň döredijilik dünýäsini, milli ruhy wezipesini



hem ýerine ýetirip gelýär. Bu ugurda degişli işler geçirilip, golaýda Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň Sekretariatynyň, Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň hem-de Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň bilelikde yglan eden «Türkmen keşdeçilik sungaty – milli mirasymyz» atly bäsleşiginiň jemleri jemlendi.

Türkmen keşdesiniň esasyny dürli nagyşlar, nyşanlar we reňk sazlaşygy emele getirýär. Her nagyş özünde bir many saklap, berekedi, ýagşy dilegleri, maşgalanyň agzybirligini ýa-da gelin-gyzlaryň arzuwlaryny beýan edýär. Şonuň üçin keşde diňe bir bezeg däl, ol dilsiz gürrüňçi, taryhyň we halk ykbalynyň ýazuwynyň bir görnüşidir.

Keşdeler köplenç gelinlik milli lybaslarynda, kürtelerde, tahýalarda we öý-hojalyk serişdelerinde ulanylýar. Olar ýüpek, nah matalaryň ýüzüne ince sungat bilen çekilýär. Ussatlar reňkleriň arasynda sazlaşyk döredip, aýratyn owadanlygy emele getirýärler.

Bu sungat nusgasy nesilden-nesle geçip, häzirki döwürde hem ýaş keşdeçi gyzlaryň hem-de halypalaryň üsti bilen ösdürilip gelinýär. Türkmen keşdeçiligi diňe bir milli gymmatlygymyz bolman, eýsem, dünýä medeniýetiniň hem gymmatly hazynasynyň bir bölegidir.

**Berdi ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## ARHEOLOGIK TAPYNDYLARY TABŞYRMAK DABARALARY GEÇIRILDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Arheologik tapyndylary tabşyrmak dabaralaryna gatnaşyjylar gözlegleriň netijeleri barada durup geçip, Diýarymyzyň çäginden tapylan gymmatlyklaryň adamzat medeniýetiniň ösüş taryhynda uly



ähmiýete eýe bolandygyny tassykladylar. Nygtalyşy ýaly, ýurdumyzyň çäklerinde alnyp barlan arheologik işleriň netijeleri halkara jemgyýetçiligiň halkymyzyň taryhyna oňyn baha bermegine, onuň özboluşly milli medeniýeti, däp-dessurlary, ýaşaýyş-durmuşy bilen tanyşmagyna, dünýäniň ylmy we medeni ösüşine bahasyz goşandyna ýene-de bir gezek aýdyň göz ýetirmäge mümkinçilik berýär. Hususan-da, Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Änew, Abywert, Sarahs, Amul, Dehistan, Şähryslam ýaly şäherler we obalar alymlaryň üns merkezinde durýar. Bu ilatly ýerleriň atlary gadymy ýazuw çeşmelerinde köp agzalýandygy üçin hem giňden bellidir.

Arhitektura ýadygärlikleridir beýleki medeni gymmatlyklary muzeýleşdirmek, innowasion tehnologiýalaryň kömegi bilen, kompýuterlerde taryhy tapyndylaryň hasabatynyň ýöredilişini kämilleşdirmek, XXI asyryň muzeý işinde, sungaty öwrenişinde we arheologiýasynda medeni-sungat obýektleriniň ýaşyny hem-de asyl keşbini anyklamagyň dünýäde giňden ulanylýan tejribesinde ýokary tehnologik usullara aýratyn üns çekildi.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary esasynda taryhy-medeni ýadygärlikleri öwrenmek, gaýtalanmajak medeni mirasy döwlet tarapyndan goramagyň hukuk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn işleriň netijesinde Diýarymyzyň ähli sebitlerinde ýüzlerçe arheologik, binagärlik ýadygärlikleri öwrenilýär we olaryň ýagdaýyna gözegçilik edilýär. Soňky ýyllarda toplanan ylmy maglumatlary öz wagtynda çap etmek, geljek nesillere miras goýmak, ýurdumyzyň, beýleki döwletleriň alymlarydyr hünärmenlerini tanyşdyrmak maksady bilen, «Türkmenistanyň gadymyýeti», «Köneürgenjiň arhitektura mirasy», «Merwiň taryhy-medeni ýadygärlikleri», «Nusaýyň Parfiýa galalary» atly kitaplar, «Asyrlaryň yzlary» atly ýöriteleşdirilen ylmy neşir çap edildi. Mundan başga-da, Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärlikleriniň Döwlet reýestri kitap görnüşinde neşir edildi. Ylmy gözleglerin dowamynda toplanan maglumatlar bilen halkara ylmy jemgyýetçiligi tanyşdyrmak üçin Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirlik tarapyndan «Asyrlaryň yzlary» atly ýöriteleşdirilen halkara ylmy ýygyndynyň üçünji goýberilişi çapa taýýarlandy. Dabaralara gatnaşyjylar arheologiýa ylmyny we muzeý işini ösdürmek babatda ähli zerur şertleri döredýän döwlet Baştutanymyza çuňňur hoşallyklaryny beýan etdiler.

## HÄZIRKI ZAMAN JEMGYÝETINDE ZENANLARYŇ ORNY

Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny öňkülerden hem giň, hem-de has ýokary derejede möhüm ähmiýete eýe boldy. Dünýäde bolup geçýän üstünlikli ösüşler, tehnologiýalaryň ösmegi we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň giňemegi zenanlara täze mümkinçilikleri döredýär. Şeýlelikde, zenanlar diňe bir maşgala dolandyryşynyň däl, eýsem, jemgyýetiň syýasy, ykdysady, ylym-bilim, medeniýet hem-de jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynyň işjeň gatnaşyjysyna öwrüldi. Bu barada şu ýylyň dekabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilmegi meýilleşdirilýän «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: durnukly ösüşiň bähbidine halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek» atly halkara maslahatda hem giňden ara alnyp maslahatlaşylar.

Zenanlaryň bilimli bolmagy häzirki döwrüň baş talabydyr. Bilim we hünär üstünlik gazanmagyň ýoluny açýar, netijede olaryň jemgyýetde täsirli orny has-da berkeýär. Häzirki wagtda zenanlaryň



köpüsi dürli wezipelerde işleýärler, senagat hem-de biznes ulgamynda täze başlangyçlary öňe sürýärler, ylmy açyşlara gatnaşýarlar.

Şeýle-de bolsa, häzirki zaman jemgyýeti zenanlar üçin diňe bir mümkinçilikleriň giňelmegi bilen çäklenmeýär, eýsem, deňlik, hukuklaryň üpjün edilmegi ýaly möhüm meseleleri hem öňe sürýär. Zenanlaryň zähmetleriniň bahalandyrylmagy, olaryň hukuklarynyň goralmagy we jemgyýetde gender deňligini üpjün etmek şol maksatlaryň biridir.

Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlar jemgyýetiň ösüşine güýçli itergi berýän döredijiligi, yhlasy we zehini bilen ösüşiň möhüm daýanjyna öwrülýärler. Zenanlaryň jemgyýetçilik işlerine işjeň gatnaşmagy döwrüň talaby bolup, ösüşiň we ösüşe bolan ynamyň möhüm ýörelgesine öwrülýär.

**Roza GAÝYPOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Hajy Ysmaýylow adyndaky kitaphana şahamçasynyň müdiri.*

## Türkmen ýaşlaryna daşary ýurtda bilim almaga giň mümkinçilik

Türkmenistanyň Bilim ministrligi ýurdumyzyň ýaşlarynyň 2026–2027-nji okuw ýyly üçin Hytaýyň we Wengriýanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim almak üçin seçip alyş işlerini geçirýär. Bu ýurtlarda bilim almak mümkinçiliginiň döredilmegi, olaryň halkara giňişligine açylmagyna we kämillik ýolunda giň mümkinçiliklere eýe bolmagyna şert döredýär. Häzirki wagtda ýurtlaryň arasynda bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň giňelmegi ýaşlaryň daşary döwletlerde döwrebap bilim almagyna ýol açýar.

Hytaý ýokary tehnologiýalar, inženerçilik, halkara gatnaşyklary ýaly ugurlarda öňdebaryjy tejribe toplap, daşary ýurtly talyplar üçin ýerlerini köpeldýär. Bu bolsa türkmen ýaşlarynyň häzirki zaman innowasion bilimi özleşdirip, geljekde ýurdumyza döwrebap tejribe getirmegine mümkinçilik berýär.

Wengriýa hem talyplar üçin amatly şertleri, baý ylmy mekdepleri we halkara derejeli mugallymlary bilen tanalýar. Wengriýanyň ýokary okuw mekdepleri lukmançylyk, gurluşyk inženerligi, oba hojalygy we sungat ýaly dürli ugurlarda oňat bilim berýärler.

Daşary ýurtlarda bilim almak diňe bir hünär taýýarlygyny däl, eýsem, ýaşlaryň dünýägaraýşyny giňeldýär, täze medeniýetler bilen tanyşdyrýar hem-de halkara hyzmatdaşlygyny ösdürýär.



Şeýlelikde, türkmen ýaşlaryna dünýä derejesindäki bilimden peýdalanmak, häzirki zaman başarnyklaryny ele almak we döwletimiziň ösüşine goşant goşmak üçin giň mümkinçilikler döredilýär.

**Jennet TOŞŞYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## Awtoduralgalar Gün panelleri bilen örtüler

Şu günden başlap, Koreýa Respublikasynda meýdany 1 müň metrden uly bolan awtoduralgalar Gün panelleri bilen örtülmeli bolar. Şeýle-de 80 we ondan köp ulaga niýetlenen duralgalarda hem Gün panelleri oturdylar. Bu düzgün täze guruljak we häzirki bar bolan duralgalara degişli edildi. Düzgüne görä, Gün panelleriniň önümçilik kuwwaty her 10 inedördül metrde azyndan 1 kW bolmalydyr. Şeýle düzgün arassa çeşmelerden alynýan energiýa önümçiligini artdyrmak we boş ýerleri peýdalanmak maksady bilen girizildi. Ýurtda Gün elektrik beketleriniň önümçilik kuwwaty geçen ýyl 2,5 GW artdyrylyp, 29,5 GW-a ýetipdir.

**Aýgül ATAGELDIÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Dünýäniň iň uly uçary

Käbir zatlary bir ýerden başga bir ýere äkitmek üçin böleklere bölüp bolmaýar. Şol sebäpli olary daşamak üçin has uly ulag serişdelerine zerurlyk duýulýar. Soňky ýyllarda has köp ornaşdyrylýan ýel beketleri hem şolaryň hataryna girýär. ABŞ-nyň «Radia» kompaniýasy uzynlygy 108 metre, ganatynyň giňligi 80 metre ýetýän uçary işläp taýýarlaýar. «WindRunner» atly bu uçar ýel beketleriniň perlerini daşamak üçin peýdalanylar. Howa gämisiniň işe girizilmegi bilen ýel beketleriniň gurluşygynyň görnetin artmagyna garaşylýar. Ýük göterijiligi 74 tonna barabar bolan uçar bary-ýogy 1 müň 800 metrlik ýola gonup hem uçup biler.

**Çynar AMANOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.*

## 1-nji dekabr – Bütindünýä AIDS-e garşy göreş güni

1-nji dekabrda Bütindünýä AIDS-e garşy göreş güni giňden bellenilýär. Ýurdumyzda hem bu senä bagyşlanyp dürli çäreler geçirilýär. Bu barada adamlaryň habardarlygynyň ýokarlanmagy maksady bilen Aşgabat we Arkadag şäherlerinde, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda mekdeplerde, orta we ýokary okuw mekdeplerinde, harby bölümlerde, saglygy-goraýyş işgärleriniň arasynda, raýatlaryň işleýän we dynç alýan ýerlerinde «AIDS-e garşy birleşeliň!» diýen şygar bilen duşuşyklar, söhbetdeşlikler, medeni-sport çäreleri geçirilýär.

Keseliň öňüni almak we oňa garşy göreşmek üçin ilatyň dürli gatlaklarynyň arasynda, aýratyn-da ýaşlaryň arasynda özlerini goramak endiklerini öwretmek, olary dogry maglumatlar bilen habarly etmek bu ýokanjyň öňüni almakda uly orun tutýar. Köp adam AIW we AIDS şol bir zat diýip düşünýärler. Bu ýalňyşdyr. AIW adamyň immun ýetmezçilik wirusydyr, ol adam bedenine düşenden soňra, adamyň immun ulgamy dikeldip bolmajak derejede zeperlenýär. Her bir adam keseliň geçiş ýollaryny bilmek bilen özüni bu keselden gorap biler, ol biziň özümizi alyp barşymyza, edýän hereketlerimize gönüden-göni baglydyr.




Keseliň öňüni almak üçin sagdyn durmuş ýörelgesini alyp barmak, maşgala lukmanynyň berýän maslahatlaryny berjaý etmek zerurdyr.

**Aýgül BABAÝEWA,**
*Milli AIDS-iň öňüni alyş merkeziniň öňüni alyş bölüminiň lukmany.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 28-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117602
Belgisi: 48/1666
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Ýokary hasyl almagyň möhüm şerti

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ekerançylygyň ähli ugurlarynda bolşy ýaly, ekişiň medeniýetini mundan beýläk-de ösdürmek, onuň hasyllylygyny artdyrmak, bereketli türkmen topragyndan önýän nygmatlaryň görnüşlerini köpeltmek, daýhanlara ähli ugurlardan ýardam etmek ýaly tutumly işlerden ruhlanan ýurdumyzyň ekerançylary şu ýyl ekinleriň bol hasylyny ýetişdirdiler.

Ekiş iňňän möhüm we jogapkärli agrotehniki usullaryň biridir. Ekişiň wagtynda we ýokary hilli geçirilmegi ähli oba hojalyk ekinlerinden ýokary hasyl almagyň esasy şertidir. Ekişi wagtynda geçirmek tohumlaryň şinelemegi, ösümlikleriň ösüp, boý almagy, ýokary hasylyň kemala getirilmegi üçin ýylylygyň, yzgaryň we ýagtylygyň has amatly şertlerini döredýär. Ekiş öz wagtynda geçirilmese, ýaňy gögerip çykan gämikleriň ýa-da öň ösüp oturan ösümlikleriň amatsyz şertlerde ösmegi hasylyň ýitirilmegine getirip biler. Dürli ekinleriň ekiş möhletleri olaryň biologik aýratynlyklaryna we daşky gurşawyň esasy faktorlarynyň talaplaryna baglydyr.

Ähli ýazlyk ekinler iki topara bölünýär. Birinji topara girýän irki ýazlyk ekinleriň tohumlary 5°C-den pes temperaturada gögerýär, gögeren gämikler sowuga çydamly bolýar. Ýazlyk bugdaý, arpa, süle, nohut, kösükliler, merjimek, bur-



jak, gorçisa, günebakar, gant şugundyry we beýleki kökli miweliler, zygyr, köpýyllyk we käbir birýyllyk otlar (dälijemäş) şu topara degişlidir. Köp etraplarda bu ekinler toprak taba gelende, irki ýa-da aram möhletlerde ýaz ekilýär.

8-12°C temperaturada gögerýän, sowuga çydamsyz ýylylyk söýüji ekinler ikinji topara girýär. Mekgejöwen, dary, jöwen, şaly ýaly däneli ekinler, soýa we noýba ýaly kösükliler, arahis, künji ýaly ýag berýän ösümlikler, gowaça ýaly süýümli ekinler, şeýle hem garpyz, kädi, gawun, kabaçok ýaly bakja ekinleri şu topara degişlidir. Olar topragyň üstki gatlagy (10sm) 10-14°C, bakja ekinleri bolsa 13-16°C-ä çenli gyzanda ekilýär.

Güýzlük ekinlerden bugdaý, arpa tomus-güýz aýlary, ýagny awgustda ýa-da sentýabrda ekilýär, günortada bolsa oktýabrda, ýagny gämikler gowy düýp ýaýradar ýaly, ymykly sowuk düşmegine, takmynan, 50 gün galanda ekilýär, bu bolsa olaryň gyşlamagy üçin ähmiýetlidir. Mekgejöwen, dary, greçka, nohut, dälijemäş ýaly ekinleri dürli möhletlerde ekip ösdürip ýetişdirmek bolar we aralyk ýa-da esasy ekinden soň ekilýän ekinler hökmünde, edil şol ýyl ikinji hasyl almak üçin peýdalanmak bolar.

**Haýytbaý GYLYJOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# Kitaphana– bilimiň mekany

Kitaphana – adamzadyň toplanan maglumatlarynyň, döredijilik mirasynyň we ylmy çeşmeleriniň jemlenen mekanydyr. Ol diňe kitap saklanylýan ýer bolman, jemgyýetiň bilim derejesini ýokarlandyrmaga, dünýäni tanamaga, pikirlenmäni ösdürmäge hyzmat edýän medeniýet ojagy hökmünde aýratyn ähmiýete eýedir. Şonuň üçin hem kitaphananyň jemgyýetdäki orny diňe bir medeni däl, eýsem, bilim, terbiýe, ruhy ösüş ugurlarynda hem örän möhüm bolup durýar.

Kitaphanalar kitaplar, ensiklopediýalar, ylmy makalalar, elektron çeşmeler we žurnallar arkaly dürli ugurdan maglumatlary toplap, jemläp halka ýetirýärler. Her bir adam özüne gerekli maglumaty kitaphanadan tapyp bilýär.

Okuwçylaryň, talyplaryň we alymlaryň ylmy işlerini taýýarlamaklarynda kitaphanalar möhüm ýer tutýar. Olar ylmy-barlag işlerini dürs we ygtybarly çeşmeler bilen üpjün edýär.

Kitaphanalar halkyň medeni mirasyny saklap galmaga, onuň nesilden-nesle geçmegine ýardam berýär. Nusgawy edebiýat, milli ýazuw mirasy we taryhy resminamalar hut kitaphanalarda jemlenýär.

Kitaphanalar ýaşlaryň okamak höwesini artdyrmaga, söz baýlygyny we düşünje giňişligini ösdürmäge goşant goşýar.

Kitap okamak adamda paýhasly pikiri, giň dünýägaraýşy we döredijilik ukybyny ösdürýär. Kitaphana bolsa bu mümkinçilikleriň ählisi üçin giň ýol açýar.



Kitaphana hemmeler üçin açyk mekandyr: çagalar, ýaşlar, uly ýaşlylar, alymlar we döredijiler. Her kategoriýa degişli maglumatlar tapylýar.

Kitaphanalar jemgyýetde bilimli, medeni, kitap okalýan atmosferany döredýär. Bu bolsa halkyň ösüşiniň esasy şertleriniň biridir.

Sanly dünýäniň ösmegi bilen kitaphanalaryň işi hem kämilleşýär. Olar elektron kataloglar, onlaýn maglumat bazalary we sanly kitaplar arkaly häzirki zaman talaplaryna laýyk hyzmat berýär.

Elektron kitaphana ulgamynyň peýdaly taraplary köp. Bu kitaphanalar dürli görnüşde bolup, olaryň köpüsinde gerekli maglumatlary göçürip almak ýa-da onlaýn görnüşleri üçin ýörite programmalar hereket edýär. Käbir aýratynlyklarda gerekli maglumatlary göçürip almak şertleri düýbünden ulanylmaýar. Elektron kitaphana özüniň binýadynda ähli kitaplary, gündelik neşirleri, ylmy işleri elektron görnüşde saklaýar. Şonuň üçin olaryň gereklisini tiz wagtda, haýsydyr bir maglumat saklaýjy enjamlara göçürip alyp, soňra noutbuk ýa-da beýleki kompýuter gurluşlarynda ulanyp, amatly wagtda okamak mümkinçiligi uludyr.

Kitaphana – biliminiň, medeniýetiň we döredijiligiň özenini emele getirýän aýratyn ähmiýetli mekandyr. Onuň jemgyýetdäki roly diňe kitap saklamak bilen çäklenmän, adamlaryň pikir dünýäsini ösdürmäge, ýaş nesliň terbiýesine, ylmy barlaglaryň üstünlikli alnyp barylmagyna hem hyzmat edýär. Şonuň üçin kitaphanalary ösdürmek, olary döwrebap enjamlaşdyrmak we kitaphana medeniýetini giňden ösdürmek jemgyýetiň üstünlikli ösüşiniň möhüm şertidir.

**Irina ZAÝNULINA,**
*Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Nury Baýramow adyndaky kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

# Türkmen-tatar hyzmatdaşlygynyň täze derejesi

Geçen hepde paýtagtymyz Aşgabatda Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-tatar iş toparynyň 10-njy mejlisi geçirildi. Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň çuňňur taryhy, medeni we dil umumylygyna esaslanýan strategik hyzmatdaşlyk häsiýetine eýedigini bellemek gerek.

Türkmenistan bilen Tatarystan (Russiýanyň federasiýasynyň subýekti) arasyndaky gatnaşyklary taryhy, medeni we ykdysady ugurlarda ösdürilen hem-de häzirki zaman syýasy gatnaşyklary bilen hem baýlaşan giň ulgam bolup durýar. Bu gatnaşyklary dürli ugurlar boýunça jemläp bolar: syýasy, ykdysady, medeni we bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk.

Türkmenistan bilen Tatarystan arasyndaky resmi syýasy gatnaşyklar Türkmenistanyň Russiýa bilen gatnaşyklarynyň çäginde ösdürilýär. Tatarystan bilen türkmen ýolbaşçylarynyň arasynda birnäçe ýyllap resmi duşuşyklar, maslahatlar we forumlar geçirilýär. Bu duşuşyklarda hyzmatdaşlyk üçin täze ugurlar kesgitlenýär. Döwletara forumlar we ykdysady duşuşyklar iki taraplaýyn gatnaşyklaryň durnuklylygyny we syýasy dostlugyny pugtalandyrýar.

Tatarystan bilen Türkmenistanyň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklar, esasan, nebit-gaz, ulag, himiýa önümleri, elektrik enjamlary we dokma önümçiligine gönükdirilen. Tatarystan Türkmenistana dürli tehnologiýalary, ulag serişdelerini we önümçilik enjamlaryny hödürleýär, Türkmenistanda bolsa nebit-gaz serişdeleriniň eksporty we işlenilmegi bilen baglanyşykly hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar. Şeýle-de, bu hyzmatdaşlyk sebitara ykdysady forumlar, sergiler we haryt-görkezme çäreleri arkaly işjeňleşdirilýär.

Türkmen-tatar medeni gatnaşyklaryň taryhy kökleri bar. Iki halk arasynda edebiýat, sungat we dili taýdan özara ylhamly gatnaşyklary saklanýar. Tatarystanyň bilim merkezleri we uniwersitetleri türkmen talyplaryny kabul edýär, dürli ugurlar boýunça okuw we tejribeler gurnalýar. Medeni çärelere gatnaşygyň netijesinde türkmen halkynyň medeni mirasy, sungaty we däp-dessurlary Tatarystanda tanadylýar, şeýle hem tatar medeniýeti Türkmenistanda giňden tanyşdyrylýar.



Tatarystan bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň Merkezi Aziýa we Ýewraziýa giňişlikdäki strategik ugurlary bilen utgaşyklydyr. Sebitara ykdysady we ulag taslamalarynda iki tarap hem hyzmatdaşlyk eder, şol sanda howa gatnawlary, demir ýol we üstaşyr mümkinçiliklerini giňeltmek bilen baglanyşykly.

Nobatdaky mejlisiň gün tertibine ozal gazanylan ylalaşyklary, husussan-da, öňki geçirilen mejlisde öňe sürlen teklipleri iş ýüzünde durmuşa geçirmek, hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemek ýaly meseleler girizildi. Taraplaryň ýolbaşçylary özara ynanyşmak ýörelgeleri esasynda ösdürilýän ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýokary derejesini kanagatlanma bilen bellediler. Taraplar ileri tutulýan ugurlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga taýýardyklaryny tassykladylar. Şunda söwda-ykdysady, nebitgaz, energetika, senagat ulgamlary geljegi uly ugurlar hökmünde kesgitlenildi. Ulag-aragatnaşyk, maglumat tehnologiýalary, dokma senagaty, oba hojalygy, daşky gurşawy goramak, ylym-bilim, saglygy goraýyş we derman senagaty, medeniýet, sport, ýaşlar syýasaty ulgamlaryna aýratyn üns çekildi.

**Jamal MANAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# BÜTINDÜNÝÄ ÇAGALAR GÜNI – ÇAGALARYŇ WE SAGDYNLYGYŇ BAÝRAMY

Bütindünýä çagalar güni – ähli çagalaryň hukuklaryny goramak, olaryň bagtyýar we sagdyn ösüşini üpjün etmek, şeýle-de jemgyýetde çagalaryň ähmiýetini duýdurmak maksady bilen her ýyl bellenilýän halkara baýramçylykdyr. Bu ýyl ýurdumyzda halkara baýramçylyk «Bitaraplyk we ynsanperwerlik: köpugurly alada bilen gurşalan geljegiň bähbidine hemmetaraplaýyn goldaw» ady bilen has giň gerimli bellendi.

Halkara ähmiýetli çäräniň dowamynda ýurdumyzda ösüp gelýän ýaş nesiller baradaky aladanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenilmegi we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegi, dünýäniň ösen tejribesiniň özleşdirilmegi bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa bu çäräniň ýaş nesilleriň sazlaşykly ösüşiniň bähbidine gönükdirilen tagallalara uly ähmiýet berilýändigini beýanydygyny, ynsanperwer tagallalaryň dowam etdirilmeginiň çagalaryň abadançylygynyň bähbidine ygtybarly binýady emele getirýändigini belledi.

### BAÝRAMYŇ MAKSADY

**Çagalaryň hukuklaryny goramak:** Çagalaryň saglygy, bilim almak hukugy we beden we ruhy ösüşini üpjün etmek.

**Sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek:** Çagalaryň sagdyn iýmitlenmegi, arassaçylyk we howpsuz şertlerde ösmegi bilen baglanyşykly meseleleri açmak.

**Jemgyýetde üns çekmek:** Çagalaryň jemgyýetde aýratyn orun eýeleýändigini we olaryň geljegi üçin maýa goýumyň zerurdygyny ýatlatmak.

Bütindünýä Çagalar Güni ilkinji gezek 1954-nji ýylda BMG tarapyndan teklip edilip, çagalara bolan üns we goldaw meselelerini giňeltmek maksady bilen bellenildi. Käbir ýurtlar (mysal üçin ABŞ-da) Ýaşulular we Çagalar günleri ýaly beýleki günleri hem belleýärler, emma Bütindünýä Çagalar güni 20-nji noýabrda ýa-da ýurtlaryň milli meýilnamasyna görä dürli senelerde bellenilýär. 20-nji noýabr BMG-niň Çagalaryň Hukuklary Konwensiýasyny kabul eden gün hökmünde hem aýratyn ähmiýete eýedir.






### BAÝRAMÇYLYK ÇÄRELERI

**Bilim we medeniýet çäreleri:** Mekdeplerde ýörişler, oýunlar, sungat we döredijilik çäreleri geçirilýär.

**Saglygy goraýyş çäreleri:** Saglyk barlaglary, sport ýaryşlary, sagdyn ýaşaýyş ýörelgelerine bagyşlanan tälimler berilýär.

**Jemgyýetçilik işleri:** Çagalaryň hukuklaryny goramak üçin çäreler, meýdançalar we maslahatlar geçirilýär.

Bütindünýä çagalar güni çagalara diňe bir baýramçylyk däldir, eýsem, olaryň geljegine maýa goýmak, hukuklaryny goramak we jemgyýetde deň mümkinçilikleri üpjün etmek üçin möhüm gün hasaplanýar. Ol çagalaryň hukuklaryna üns çekýär, olaryň geljegine bagyşlanan jemgyýetçilik işleriniň giňelmegine itergi berýär.

Bütindünýä çagalar güni – ähli çagalaryň sagdyn, bagtyýar ösüşini üpjün etmek üçin halkara derejesinde bellenýän möhüm gün bolup, onuň üsti bilen dünýä jemgyýetçiligi çagalaryň geljegine üns berýär. Bu gün çagalara sylag, goldaw we höwes bermek bilen bir hatarda, olaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek üçin oňyn täsir ýetirýär.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwletlukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BÝUJETI: MAKSATLARY WE UGURLARY

Ýakynda Türkmenistanyň Mejlisiniň ýedinji çagyrylyşynyň on birinji maslahaty geçirildi. «Türkmenistanyň 2026-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyna, «Türkmenistanyň 2024-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi hakynda» Türkmenistanyň Mejlisiniň kararynyň taslamasyna seretmek maslahatyň gün tertibindäki esasy mesele boldy.



Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän syýasata laýyklykda, Türkmenistanyň 2026-njy ýyl üçin Döwlet býujetinde ýangyç-energetika, gurluşyk-senagat, oba hojalyk toplumlary, ulag-aragatnaşyk, dokma we azyk senagaty ýaly binýatlaýyn pudaklary depginli ösdürmek göz öňünde tutulýar. Tassyklanylan durmuş-ykdysady strategiýa görä, paýtagtymyzda we ýurdumyzyň sebitlerinde iri taslamalaryň, şähergurluşyk maksatnamasynyň durmuşa geçirilişine, ulag-aragatnaşyk, önümçilik düzümleriniň täze desgalarynyň gurulmagyna, ähli ulgamlarda innowasion tehnologiýalaryň, ylymda, tehnikada soňky gazanylanlaryň giňden ornaşdyrylmagyna iri möçberli serişdeler bölünip berilýär.

Geçen ýyllarda bolşy ýaly, 2026-njy ýylyň esasy maliýe resminamasynda serişdeleriň köp bölegi durmuş ulgamyny maliýeleşdirmäge niýetlenendir. Şeýlelikde, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokary ölçeglere ýetirmegi baş maksat edinýän ýurdumyzyň Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň agramly bölegi durmuş ugruna, şol sanda bilim, saglygy



goraýyş, medeniýet, sport, döwlet durmuş üpjünçiligi, ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy ulgamlaryna gönükdiriler.

### DÖWLET BÝUJETI ESASAN IKI BÖLEGE BÖLÜNÝÄR:

**Girdeji bölegi:** Döwlet býujetiniň girdejisi, esasan, salgytlardan, daşary ýurt maýa goýumlaryndan, nebit-gaz pudagyndan we döwlet eýeçiligindäki kärhanalardan alnan girdejilerden emele gelýär. Girdejileriň artdyrylmagy hökümet üçin ykdysady maksatlara ýetmekde möhüm şert bolup durýar.

**Çykdajy bölegi:** Çykdajylar durmuş ugurlar, bilim, saglygy goraýyş, infrastruktura, ykdysadyýet we energiýa pudagyna gönükdirilýär. Döwlet býujetiniň çykdajy bölegi bilen ýurduň durnukly ösüşi, raýatlaryň durmuş derejesi we jemgyýetçilik hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak maksat edilýär.

### BÝUJET MAKSATLARY WE UGURLARY

**Durmuş ösüşi üpjün etmek:** Pensiyalar, iş haklary, saglyk we bilim hyzmatlaryny maliýeleşdirmek.

Ykdysady ösüşi goldamak: Täze önümçilik desgalaryny gurmak, innowasiýa taslamalary we maýa goýum programmalaryny maliýeleşdirmek.

**Infrastruktura ösdürmek:** Ulag, energetika we kommunikasiýa ulgamlaryny ösdürmek.

**Durnuklylyk we howpsuzlyk:** Döwlet býujeti ýurduň howpsuzlygyny, ykdysady durnuklylygyny we ekologiýa goragyny üpjün etmekde hem möhüm rol oýnaýar.

Döwlet býujeti ýurduň ösüş strategiýasy bilen utgaşdyrylýar we ykdysady, durmuş we infrastruktural taslamalary amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Geljek býujetlerde maýa goýum we innowasiýa ugurlaryna has uly üns berler, şol sanda ýaşyl ykdysadyýet, ekologik taslamalar we raýatlaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmak ýaly maksatlar bar. Açyklyk we hasabatlylyk bilen býujet dolandyrylyşy ýurduň maliýe durnuklylygyny üpjün eder.

Döwlet býujeti – ýurduň ykdysady we sosial strategiýasynyň esasy guraly. Ol girdejileriň we çykdajylaryň deňagramlylygyny üpjün etmek, raýatlaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmak, ykdysady ösüşi goldamak we infrastrukturalary ösdürmek üçin möhüm serişde bolup durýar. Türkmenistanyň býujeti täze taslamalar, maýa goýumlar we durnukly ösüş ugruna gönükdirilendir.

**Mähri REJEPOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Köne Was galasy

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda dürli ugurlar boýunça Daşoguz welaýatynyň etraplarynda ýerleşýän taryhy ýadygärliklere ýüz günlük önümçilik sapary guraldy. Saparyň çäklerinde sebitleriň dürli künjeklerinde ýerleşýän, türkmen halkynyň özboluşly çeper däp-dessurlaryny şöhlelendirýän durmuş-medeni, taryhy-arheologik, maddy we ruhy baýlyklary, köpdürli miraslary topladyk. Toplan gymmatlyklarymyz boýunça käbir maglumatlary ildeşlerimize ýetirmegi makul bildik.

Ýurdumyzyň demirgazyk sebitinde irki orta asyr arhitektura-arheologik we gadymy taryhy ýadygärlikleriň 100-den gowragy duş gelýär. Şolaryň biri hem Köne Was galasydyr. Orta asyr arheologiýa we arhitektura ýadygärlikleriniň iň gadymylarynyň biri bolan Köne Was galasy Ruhubelent etrabynyň Zähmet geňeşliginiň Täze ýol obasynyň demirgazyk gündogarynda, Akdepe etrabynyň Nowruz geňeşliginiň Şasenem obasynyň günorta-günbatarynda ýerleşýär. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky iň uly we meşhur ýadygärlikleriň biri bolan bu gala welaýat merkezinden 135 kilometr günorta-günbatarda ýerleşýär. Bu mukaddes topragyň şöhratly taryhy «Görogly» eposynda, «Nejep oglan», «Şasenem-Garyp» we «Ýusup-Ahmet» dessanlarynda duş gelýär. Bu künjekde X-XI asyrlarda matematika, astronomiýa ýaly ugurlarda bilim berýän ylym ojaklary gurlup, alymlar peýda bolupdyr. Ýurdumyzyň demirgazygynda iň gadymy we gür ilatly merkezleriň biri bolan bu ýaýlada bu günki gün 10 müň gektar ýer ekerançylyk we öri meýdanlar hökmünde giňden peýdalanylýar. Halkymyzyň arasynda «Oguzyň daş uruglarynyň öňi hem Was, soňy hem Was», «Guma gaçsaň Wasa gaç, kende gaçsaň Kyýata» diýen atalar sözi bu künjegiň gadymydygyny, giňdigini, ýaşaýyş medeniýetiniň irki Orta asyrlara degişlidigini aýdyň görkezýär. Welaýatyň iň giň, iň uzyn, iň çuň, iň köp tebigy we emeli suwaryş akabasy Was ýaýlasynda ýerleşmek bilen bu düzlükde köne guduklar, boýlar, ak öýli köşkler, çöketlikler köp duş gelýär. «Was» sözi «täjirleriň ortaky şäheri», «iň gadymy oturymly mekan» diýmegi aňladýar. Gadymy arheologik galanyň ini we boýy 300 metrden gowrak bölegi saklanyp galypdyr. Galada keramika, atyşhana we küňre yzlary duş gelýär.



Köne Was galasy geçmişde suw, ýag we dürli erginleri saklaýan gaplaryň, peýkamlaryň, naýzalaryň, atlara tirkelýän arabalaryň, sallançak esbaplarynyň, uzak aralyklara at çapdyrmak sungatynyň, kejebe bezegleriniň, zenan başgaplaryň taýýarlanylan iň irki nusgalarynyň ýasalan gadymy künjegi hökmünde meşhurlyk gazanypdyr. Galanyň gurluşygynda dürli reňklerdäki, agyrlykdaky we ululykdaky kerpiçler giňden peýdalanylypdyr. Gala köpburçly we köptoplumly binagärçilik ansambly ýadyňa salýar. Geçmişde Beýik Ýüpek ýolunyň gülläp ösen merkezleriniň biri hasap edilen Köne Was galasynyň töwereginde 20-ä golaý irki Orta asyr arheologik, arhitektura ýadygärlikleriniň hatary ýerleşýär. Soňky 100 ýylda Köne Was galasyna üç gezek toplumlaýyn ylmy ekspedisiýalar guralypdyr. Köne Was galasyny ylmy taýdan öwrenmekde N.Gullaýewiň, Ý.Atagarryýewiň, B.A.Nikonowyň, M.E.Massonyň, S.Atanyýazowyň hyzmatlary uludyr.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

# Türkmenistanyň raýat awiasiýasynyň nobatdaky üstünligi

«Türkmenistan» awiakompaniýasy Howa ýük daşamalarynyň halkara assosiasiýasy (TIACA) tarapyndan işjeň (aktyv) agzasy derejesine eýe boldy.

TIACA (The International Air Cargo Association) – howa ýük pudagynyň dürli ugurlaryny, şol sanda awiakompaniýalary, terminal hyzmatlaryny, logistik firma we tehnologik üpjün edijileri birleşdirýän global guramadyr. Gurama öz arasyndaky hyzmatdaşlygy artdyrmak, howpsuzlygy üpjün etmek, innowasiýalary hem-de durnuklylyk başlangyçlaryny giňeltmek üçin işleýär.

Şeýle-de, TIACA agzalarynyň sany soňky wagtda 500-den geçdi, bu guramanyň global täsiriniň, hyzmatdaşlyk giňişliginiň we senagat ugrunyň dünýäniň dürli regionlarynda giňden kabul edilýändiginiň aýdyň alamatydyr.

TIACA-nyň agzasy bolmak «Türkmenistan» awiakompaniýasyna halkara ýük gatnatma ulgamyna has çalt we netijeli birikmek üçin mümkinçilik berip, ýurdumyzyň üstaşyr kuwwatyny ulanmakda, howa ýük ugrundaky ornuny berkider.

TIACA agza bolup, Türkmenistan daşary ýurt awiakompaniýalary, ýük üpjün edijiler we logistika



hyzmat berijiler bilen has giň hyzmatdaşlyk gurup biler. Soňky ýyllarda bu ugurdaky hyzmatdaşlyk has-da giňeldilýär.

TIACA-nyň giň halkara abraýy «Türkmenistan» awiakompaniýasynyň halkara bazarda bäsdeşlik mümkinçiliklerini güýçlendirip, brend gymmatyny ýokarlandyrar.

TIACA durnukly howa ýük daşamalaryna aýratyn üns berýär. «Türkmenistan» awiakompaniýasy hem TIACA-nyň innowasiýa we ekologiýa çemeleşmelerini iş strategiýasyna goşup biler.

«Türkmenistan» awiakompaniýasynyň TIACA-nyň işjeň agzasy hökmünde kabul edilmegi – ýurduň howa ýük logistikasyny halkara ölçeglerine laýyklykda ösdürmek boýunça möhüm ädimdir. Bu ädim, Türkmenistan üçin üstaşyr gatnaw mümkinçiligini ýokarlandyrmak, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek we howa ýük pudagynda bäsdeşlik mümkinçiliklerini berkitmäge ýardam eder. Şeýle-de, TIACA-nyň durnuklylyk we innowasiýa çemeleşmeleri bilen bilelikde, kompaniýa geljekde howa ýük gatnatmasyny has netijeli, howpsuz we ekologiýa taýdan deňagramly ýöretmekde uly mümkinçilik alýar.

**Orazgül ŞYHYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Wirtual aktiwler – sanly ulgamyň möhüm gymmatlygy

Soňky ýyllarda dünýäde sanly ykdysadyýet ýokary depginler bilen ösýär. Blokçeýn tehnologiýasy, kriptowalýutalar we beýleki wirtual aktiwler täze ykdysady mümkinçilikleri döredýär. Emma bu ugurda diňe bir girdeji däl, şol bir wagtda hukuk, howpsuzlyk we energetika taýdan çynlakaý meseleler hem ýüze çykýar.

Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek we täze tehnologiýalary milli kanunçylyga laýyklykda ornaşdyrmak maksady bilen Türkmenistanda wirtual aktiwleri düzgünleşdirmegiň we maýning tehnologiýasyny ornaşdyrmagyň 2026 – 2030-njy ýyllar üçin «Ýol kartasy» zerur hasap edilýär.

Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan hem «Wirtual aktiwler hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasynyň ara alnyp maslahatlaşylmagy bu ugurda ädilýän ädimleriň subutnamasydyr.

**1.** «Ýol kartasynyň» esasynda wirtual aktiwleriň hukuk ýagdaýyny anyklamak, kriptowalýuta bazaryny döwlet taýdan düzgünleşdirmek, maýning işini kadalaşdyrmak we energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary ulanmak, täze iş orunlaryny döretmek, sanly infrastruktura we hünärmenleri taýýarlamak babatda degişli işler geçiriler.



**2.** Hukuk we institusional binýady döretmek babatda hem degişli ädimler ädiler. Bu babatda «Wirtual aktiwler hakynda» täze kanuny kabul etmek, kripto biržalaryň, sanly «gapjyklaryň» we maýning merkezleriniň sertifikatlaşdyrylmagy, döwlet guramalarynyň arasynda utgaşykly iş toparlaryny döretmek işler has zerurdyr.

**3.** Maýning infrastrukturasyny döretmek: Türkmenistanda maýning boýunça ýörite senagat zolaklaryny döretmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, daşary ýurt kompaniýalar bilen hyzmatdaşlyk, blokçeýn tehnologiýalary boýunça ylmy-barlag merkezlerini döretmek has maksadalaýyk hasaplanýar.

**4.** Integrasiýa we sanly hyzmatlar: Wirtual aktiwler diňe bir maýning bilen çäklenmän, beýleki ulgamlara hem ornaşdyrylar. Munuň üçin sanly hyzmatlar hem zerurdyr.

Türkmenistanda wirtual aktiwleri düzgünleşdirmegiň we maýning tehnologiýasyny ösdürmegiň 2026 – 2030-njy ýyllar üçin «Ýol kartasy» diňe bir ykdysady mümkinçilik däl, eýsem, ýurduň tehnologiýa taýdan täze tapgyra geçmeginiň möhüm şerti bolup durýar. Dogry meýilleşdirilen we tapgyrlaýyn durmuşa geçirilen ýagdaýynda bu ugur türkmen ykdysadyýetini has diwersifikasiýaly we bäsdeşlige ukyply eder.

Wirtual aktiwler diňe sanly görnüşde bolup, elektron ulgamlar arkaly alyş-çalyş edilýän täze görnüşli ykdysady gymmatlyklardyr. Olara kriptowalýutalar, tokenler, sanly «gapjyklarda» saklanýan serişdeler hem-de blokçeýn esasly beýleki aktiwler degişlidir. Häzirki wagtda dünýäniň köp ýurdunda wirtual aktiwleri düzgünleşdirmek boýunça kanunlar kabul edilýär we ýörite platformalar döredilýär. Bu ugur sanly ykdysadyýetiň ösüşine güýçli itergi bersede, onuň howpsuzlygyny üpjün etmek we raýatlaryň hukuklaryny goramak örän möhüm bolup durýar.

**Mahym MAHTYMOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Ýylyň sözüni saýlady.** Kembrij iňlis sözlügi «parasosial» sypatyny 2025-nji ýylyň sözi hökmünde saýlady.



Kembrij sözlüginiň web sahypasynda bu sözüň manysyna adamyň meşhur şahs, edebiýat, kino gahrymany ýa-da emeli aň bilen duýýan özara baglanyşygy diýip düşündiriş berilýär. «Parasosial» sözi Kembrij iňlis sözlügine 2023-nji ýylda goşuldy. Bu Kembrij sözlüginiň taryhynda ýylyň sözi diýlip atlandyrylan ikinji sypatdyr.

**6 ýylda ýasalan sagat.** «Sotheby's» auksion öýi şahsy kolleksiýada saklanýan



markanyň mälim bolan görnüşleriniň iň çylşyrymlysy bolan seýrek «Audemars Piguet Grosse Pice» jübi sagadyny satmakçy. Sagat 8-nji dekabrda Nýu-Ýork şäherindäki taryhy Breuer binasynda geçiriljek «Important Watches» auksionynyň çäginde satuwa çykarylar. Jübi sagady 1914-nji ýylda Londonda ýerleşýän «Smith & Sons» kompaniýasy tarapyndan 6 ýylda ýasalýar.

**Gazagystanda täze şäher gurlar.** Gazagystanda Almaty welaýatynda täze «Talgar



Eko» şäheri gurlar. 180 müň ýaşaýja niýetlenen şäher 11,8 million inedördül metr meýdany eýelär. Taslama ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, lukmançylyk edaralarynyň, söwda we dynç alyş merkezleriniň, şeýle hem «ýaşyl» jemgyýetçilik meýdançalarynyň gurluşygyny öz içine alýar. Şäherde ekologiýa durnuklylygyna we «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmaga aýratyn üns berler.

**2025-nji ýylyň Älem gözeli.** Meksikaly Fatima Boş «2025-nji ýylyň Älem gözeli» diýen



ada mynasyp boldy. Habar berlişine görä, 25 ýaşly Boş emin agzalarynyň ýokary bahasyna mynasyp boldy. Oňa geçen ýylky ýeňiji daniýaly Wiktoriýa Kýer Teýlwig täç geýdirdi. Tailandly Prawinara Singh ikinji orny eýeledi. Ilkinji bäşlige wenesuelaly Stefani Abasali, filippinli Atisa Manalo we kot-d'Iwuarly Oliwiýa Ýase girdi.

**Sungat muzeýi açylar.** Hytaýyň Suçžou şäherinde BIG (Bjarke Ingels Group) arhitektura



býurosy tarapyndan taslanan Häzirki zaman sungaty muzeýiniň gurluşygy tamamlanyp barýar. Meýdany 60 müň inedördül metrlik bu toplumy 2026-njy ýylda ulanmaga bermek meýilleşdirilýär. Hytaý obasynyň döwrebap görnüşi hökmünde taslanan konsepsiýada Suçžou seýilgählerinden ylham alnyp, däp bolan elementler we döwrebap görnüşler utgaşdyrylypdyr.

**Awtoulag sergisi açyldy.** Her ýyl geçirilýän Los-Anjeles awtoulag sergisi 21-nji



noýabrda öz işine başlady. Bu sergide dünýäniň öňdebaryjy awtoulag öndürijileriniň ýüzlerçe täze awtoulaglary, ýük awtoulaglary, gibridleri we elektrik modelleri hödürlendi. Bu ýylky sergä 50-den gowrak awtoulag hödürlenýär, bu bolsa myhmanlara dürli kategoriýalardaky awtoulaglara baha bermäge we deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Sergi 30-njy noýabra çenli dowam edýär.

**Robot 100 kilometr aralygy ýöräp, rekord goýdy.** Adam şekilli robot Suçžoudaky Szindzi kölüniň deňinden Şanhaýdaky Bund derýasyna çenli 106 kilometr aralygy durman ýöräp, dünýä rekordyny goýdy. Ginnesiň rekordlar kitabynyň agzasy roboty «iň uzak ýoluň eýesi» diýip atlandyrdy. Robot ep-esli ýörändigine garamazdan, gowy ýagdaýda, diňe aýaklarynyň rezin dabanlarynda biraz sürtülme göze ilýär.



# TARYHDA ŞU GÜN

**Fernan Magellanyň (1480-1521ý.) ekspedisiýasy 38 gün gämi bilen ýüzüşden soň, öz açan bogazyndan geçip, 1520-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Ýuwaş ummanyna çykýar. Magellanyň açan Atlantik we Ýuwaş ummanyny birleşdirýän bogaza onuň ady dakylýar. Magellan dünýäniň daş-töweregine ilkinji syýahaty amala aşyran ekspedisiýa ýolbaşçylyk etdi. Şeýle hem, ol Atlantik ummanyndan Ýuwaş ummanyna çenli ýüzen ilkinji ýewropalydyr.**







# G20 sammiti geçirildi

22-23-nji noýabrda Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherinde G20 toparynyň sammiti geçirildi. Afrika häzirki zaman taryhynda ilkinji gezek G20 sammitini gurady. «Biz bu sammite taryhy waka Günorta Afrika Respublikasynyň, Afrikanyň we Global Günortanyň dünýädäki ornunyň pugtalanmagynyň tassyklanmasy hökmünde garaýarys» diýip, GAR-yň Daşary işler ministrligi mälim etdi.

GAR-yň Prezidenti Siril Ramafosa iki günlük sammite başlyklyk etdi. Maslahatyň işine ABŞ-dan başga G20 ýurtlarynyň ählisi gatnaşdy. Sammitiň çäklerinde dürli duşuşyklara we forumlara gatnaşmak üçin 22 ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlary Ýohannesburgda jemlendi.

Prezident Siril Ramafosa G20-niň başlygy hökmünde sammitiň gün tertibinde «global deňsizlige garşy göreşmek», «ösýän ýurtlaryň bergilerini azaltmak üçin halkara karz ulgamyny düýpli özgertmek» we «Afrikanyň ösüşini öňe sürmek boýunça tagallalary iň esasy ileri tutulýan ugur hökmünde global derejede ykrar etmek» ýaly üç esasy maksady ileri tutdy.

«Günorta Afrika Respublikasynda G20 sammiti: Liderleriň jarnamasy» atly resminamada G20-niň agzalary Birleşen Milletler Guramasynyň ýardamy bilen köptaraplaýynlygy güýçlendirmäge ygrarlydyklaryny tassykladylar. Sammite gatnaşyjylar parahatçylygyň durnukly ykdysady ösüşiň ýoludygyny nygtadylar we ykdysady deňsizligiň we durnuksyzlygyň artmagy ýaly global kynçylyklary çözmekde halkara hyzmatdaşlygyň we köptaraplaýyn çözgütleriň möhümdigini bellediler. «Biz global ykdysadyýet üçin bar bolan we ýüze çykýan töwekgelçilikleri we kynçylyklary çözmek üçin köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy güýçlendirmegiň möhümdigini nygtaýarys» diýlip jarnamada aýdylýar.

Günorta Afrika Respublikasy 2024-nji ýylyň 1-nji dekabrynda başlanan G20-ä başlyklygynyň esasy ýörelgeleri hökmünde raýdaşlygy, deňligi we durnuklylygy saýlady. Ýurt sammite taýýarlyk görmek üçin öz maksatlaryna ýetmegiň ýollaryny işläp düzmek we kabul edilen kararlary bilelikdäki jemleýji jarnamada berkitmek maksady bilen 130-dan gowrak duşuşyk we mejlis geçirdi.

Uly ýigrimilik (G20) iň uly ösen we ösüp barýan ýurtlaryň resmi däl bileleşigidir. Ol 1999-njy ýylyň güýzünde dünýäniň ykdysady durnuklylygy saklamak üçin öňdebaryjy döwletleriň tagallalaryny utgaşdyrmak maksady bilen döredildi. G20 geosyýasy meselelere köp üns berýär. G20 sammitleri 2008-nji ýylda başlady. Bileleşik 19 ýurdy (Awstraliýa, Argentina, Braziliýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Hindistan, Indoneziýa, Italiýa, Kanada, Hytaý, Meksika, Russiýa Federasiýasy, Saud Arabystany, ABŞ, Türkiýe, Fransiýa, Günorta Afrika Respublikasy, Koreýa Respublikasy we Ýaponiýa), şeýle hem Afrika Bileleşigini we Ýewropa Bileleşigini birleşdirýär.

Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, G20 ýurtlarynda dünýäniň ilatynyň üçden iki bölegi ýaşaýar we olar global jemi içerki önümiň 80 göterimini emele getirýär. Toparyň işi global ykdysady we geosyýasy durnuklylygy gazanmaga, durnukly ösüş üçin şertleri döretmäge hem-de maliýe çökgünlikleriniň töwekgelçiligini azaltmaga gönükdirilendir.

Günorta Afrika Respublikasy 2024-nji ýylyň 1-nji dekabrynda G20-niň başlyklygyny kabul edip, başlyklyk edýän ilkinji Afrika ýurdy boldy. Birleşen Ştatlaryň şu ýylyň 1-nji dekabryndan başlyklyk etmegi meýilleşdirilýär.

# Dünýäniň güýçli akýan 30 derýasy

Derýalar Ýer togalagynyň arteriýalary bolup, süýji suwy yklymlara paýlaýar we tutuş ekoulgamy kemala getirýär. Täze infografikada ortaça akym tizligine görä saýlanan dünýäniň iň kuwwatly 30 derýasy hödürlenýär. Bu sanawda sekuntda 224 müň kub metr akym tizligi bilen Amazonka öňe saýlanýar. Ol indiki görkeziljek dört äpet derýanyň tutuş suwundan hem köp suwy ummana guýýar. Eger Amazonkany nasos hökmünde göz öňüne getirsek, ol her sekuntda 83 sany olimpiýa suw howdanyny doldurup biler.

Iň gurak aýlarda-da Amazonka beýleki uly derýalaryň diňe iň ýokary sil joşmalary wagtyndaky suwundan hem köp suwy akdyrýar we bu onuň global gidrologiýa ulgamyndaky aýratyn ornuny görkezýär.

Günorta Amerika özüniň Amazonkasy bilen öňdebaryjy bolsa, Aziýa ilkinji onlugyň galan böleginde agdyklyk edýär. Gang-Brahmaputra-Megna, Ýanszy, Ýeniseý we Lena derýalarynyň hemmesiniň akymy sekuntda 18 müň kub metrden geçýär. Olaryň kenarlaryndaky çalt ykdysady ösüş suwuň durnukly bolmagyny talap edýär. Hindistanyň däneçilik zolagyndaky suwaryşdan başlap, Hytaýyň senagat merkezindäki gidroenergetika çenli ösüşler muňa şaýatdyr. Aziýanyň uly derýalary iýmit we energiýa howpsuzlygynda möhüm arteriýalar bolup galýarlar.

Afrikanyň äpet Kongo derýasy ilkinji bäşligiň içinde yklymyň ýeke-täk derýasy bolup, onuň suw akymynyň tizligi sekuntda 41 müň 400 kub metre deňdir. Bu derýa ekwatorial tokaýlaryň suw akymlaryny bir bitewi hanada nähili jemleýändigini görkezýär.

Demirgazyk Amerikadaky Missisipi we Mukaddes Lawrentiýa derýalary uly basseýnleriň aram ygallary bilen utgaşyp, epesli akymlary döredýär. Ýewropanyň Wolga we Dunaý derýalary sanawa kynlyk bilen düşdüler, bu ýagdaý yklymyň aramdygyny hem-de suw dolandyryşynyň çylşyrymly ulgamynyň bardygyny görkezýär.

Okeaniýanyň Flaý, Mambraamo we Sepik ýaly derýalary Täze Gwineýanyň güýçli ýagyşlary sebäpli kiçi basseýnleri üçin garaşylyşyndan has köp suw akymlaryny sarp edýändigini görkezýär.





Bellik: Ýurtlar basseýniň tutuş meýdany boýunça däl-de, esasy hanasynyň ugry boýunça görkezildi. Şahalaryň suw akymlary aýratyn sanalman, esasy derýa ulgamynyň umumy akymyna goşulýar. Deňze, ummana ýa-da ýapyk suw howdanlaryna (meselem, Hazar deňzi) guýýan akymlar esasy derýalar hasaplanýar; şahalar bolsa derýalara guýýar.

# 21 trillion dollara ýeter

Şu ýylyň ahyryna çenli amerikan ykdysadyýetine gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberi, takmynan, 21 trillion amerikan dollaryna ýeter. Bu barada ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň Ak Tamda Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud bilen geçiren gepleşiklerinde mälim edildi.



– Ýylyň dowamynda ABŞ-nyň maýa goýumlarynyň möçberi 21 trillion amerikan dollara ýeter – diýip, Tramp aýtdy. Şeýle hem ol Saud Arabystanynyň ABŞ-nyň ykdysadyýetine 600 milliard amerikan dollar maýa goýmaga razy bolandygyny sözüniň üstüne goşdy.

– Sebäbi Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy meniň dostum, ol bu görkezijini trilliona çenli ýetirip biler, ýöne men onuň bilen bu ugurda işlemeli bolaryn – diýip, amerikan lideri belledi.

Mundan başga-da, Prezident Tramp öz tagallalarynyň ABŞ-da ýangyjyň bahalarynyň arzanlamagyna (1 gallon 2 dollar) getirjekdigine ynanýandygyny bildirdi.

# Ýewropa ýurtlary öňde barýar

Adam başyna düşýän girdeji boýunça dünýäde iň gurply 10 ýurduň ýedisi Ýewropada ýerleşýär. Bu barada Halkara Pul Gaznasynyň 2025-nji ýylyň oktýabr aýy üçin täzelenen sanawynda habar berildi. Sanawyň başyny Şweýsariýa bilen Awstriýanyň arasyndaky kiçijik knýazlyk bolan Lihtenşteýn çekýär. Bu ýurtda adam başyna düşýän jemi içerki önüm 231 713 amerikan dollaryna ýetdi. Bilermenler bu ýokary görkezijini ykdysadyýetiň aýratyn gurluşy bilen düşündirýärler: işçi güýjüniň, takmynan, 60 göterimi her gün iş üçin serhetden geçýän ýaşaýjylardan ybarat. Olaryň ilat statistikasynda göz öňünde tutulmandygy sebäpli, bir adama düşýän ortaça girdeji has ýokary görünýär.

Ikinji orunda meňzeş modeli ulanýan Lýuksemburg gelýär: daşary ýurtly işgärleriň köpdügi we öňdebaryjy maliýe pudagy ýurduň ykdysadyýetini ösdürýär.

Irlandiýa ilkinji üçlügi jemleýär, ýurtda adam başyna düşýän jemi içerki önüm 129 132 amerikan dollaryna deň. Ýurduň ykdysady üstünligi iri halkara kompaniýalarynyň işjeň gatnaşmagy bilen baglanyşyklydyr. «Google», «Meta», «Apple» we «Microsoft» ýaly kompaniýalaryň Ýewropadaky ştab-kwartiralary şu ýerde ýerleşýär. Soňky 10 ýylyň dowamynda Irlandiýa global IT senagatynyň merkezleriniň birine we kiçi bir ýurduň «bilim ykdysadyýetini» nädip gurup biljekdiginiň mysalyna öwrüldi.

Şweýsariýa, Islandiýa we Singapur hem ilkinji onluga girdi. Halkara Pul Gaznasynyň bilermenleri bu ýurtlaryň ýokary real girdeji görkezýändigini we olaryň görkezijileriniň salgyt ýeňillikleri ýa-da daşary ýurtly işçileriň akymy bilen gönüden-göni baglanyşykly däldigini nygtaýarlar.

Singapur has-da tapawutlanýar: 1980-nji ýyldan bäri şäher döwletinde adam başyna düşýän ortaça girdeji 19 esse artdy. Sebäbi bu ýurt strategik taýdan maliýe, logistika we ýokary tehnologiýalaryň global merkezine öwrüldi. Häzirki wagtda Singapur işewürlik işjeňligi we ýaşaýşyň hili babatda London we Nýu-Ýork bilen bäsleşýär.



Halkara Pul Gaznasy öňdebaryjy ýurtlaryň köpüsiniň ösen sosial ulgamy, bilime we innowasiýalara maýa goýumlarynyň ýokary paýy we durnukly syýasy gurşawy bolan kiçi döwletlerdigini belleýär. Deňeşdirmek üçin, 2025-nji ýylda dünýäde adam başyna düşýän jemi içerki önümiň ortaça möçberi 15 000 amerikan dollaryna deň diýlip çaklanylýar. Ykdysatçylar şeýle tapawutlaryň diňe bir ykdysadyýetiň möçberini däl, eýsem, dolandyryşyň netijeliligini, tehnologiýanyň derejesini we sosial syýasatyň ýagdaýyny hem görkezýändigini belleýärler.

# NEBIT ÖNÜMÇILIGI ARTAR

**Halkara energetika agentligi (IEA) OPEC+ ýurtlarynyň nebit önümçiliginiň 2050-nji ýylda günde 63 million barrele çenli ýokarlanjakdygyny, ýagny 26% artjakdygyny çaklaýar. Bu barada agentligiň ýyllyk «Dünýä energetikasynyň ösüşiniň geljegi» atly hasabatynda bellenilýär.**

**«OPEC+ üpjünçiligi 2024-nji ýyldan günde 50 million barrelden 2035-nji ýylda günde 51 million barrele we 2050-nji ýylda günde 63 million barrele çenli artar. OPEC+ önümçiligi 2050-nji ýylda nebit bazarlarynyň taryhynda islendik wagtdakydan 15% ýokary (günde 8 million barrel) bolar» diýip, hasabatyň awtorlary çaklaýarlar.**

**«Şeýle hem agentlik OPEC+ agzalarynyň ýyllyk nebit önümçiliginden alýan hakyky girdejileri 2024-nji ýyldaky 1,4 trillion dollardan 2035-nji ýylda 1,7 trillion dollara we 2050-nji ýylda 2,5**



**trillion dollara çenli ýokarlanjakdygyny çaklaýar. Bu bolsa 2022-nji ýyldaky derejeden – global energiýa çökgünliginiň döwründen, takmynan, 25% ýokarydyr» diýip, IEA çaklaýar.**

# Hindi kino sungatynyň ägirdi

Hindi kino sungatynyň ägirdi, Bolliwudyň meşhur aktýory Dharmendra 89 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Ol 1935-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Hindistanyň Penjab welaýatynyň Ludhiana etrabynyň Nasrali obasynda dünýä inýär. Doly ady Dharmendra Kewal Krişan Deol bolan aktýor kino sungatyna 1960-njy ýyldaky «Durmuş we ýürek seniň üçin» (Dil Bhi Tera Dil Bhi Yere) atly film bilen aralaşýar. 65 ýyllyk karýerasy boýunça 300-den gowrak filmde ululy-kiçili keşplerde surata düşen aktýor onlarça baýragyň eýesidir. Hindi kino sungatynda öçmejek yz galdyran Dharmendranyň «Aw», «Zita we Gita», «Dost», «Ar we kanun», «Hemme ýer alawly» ýaly kinolary ýatlanmaga mynasypdyr. Onuň baş keşpde surata düşen, ozalky SSSR-iň hem-de Hindistanyň bilelikdäki önümi bolan 1980-nji ýylda ekranlara çykan «Ali Baba we kyrk garakçy» filmi-de türkmen kino muşdaklarynyň arasynda örän meşhurdyr.

1954-nji ýylda Prakaş Kauri, soňra 1980-nji ýylda meşhur aktrisa Hema Malini bilen durmuş guran Dharmendranyň ogullaryndan



Sanni Deol, Bobbi Deol, gyzy Eşa Deol ýurduň meşhur artistleriniň hatarynda görkezilip, olar kakalarynyň asylly kärini dowam etdirýärler. Ussat aktýor, prodýuser hem-de görnükli syýasatçy Dharmendra «Filmfare», «National Film Awards», IIFA ýaly hindi kino sungatynyň iň abraýly sylaglarynyň eýesidir.

# COP31 TÜRKIÝEDE GEÇIRILER

**BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça Çarçuwaly konwensiýasynyň taraplarynyň 31-nji maslahaty (COP31) geljek ýyl Türkiýäniň Antalýa şäherinde geçiriler. Bu barada Awstraliýanyň Premýer-ministri Entoni Albaniz mälim etdi. Ol Awstraliýanyň paýtagty Kanberranyň COP31-i geçirmek boýunça teklibini yzyna alýandygyny habar berdi. Şeýle-de Entoni Albaniz Howanyň üýtgemegi boýunça ministr Kris Boueniň Türkiýede geçiriljek COP31 gepleşiklerinde Awstraliýanyň adyndan wekilçilik etjekdigini habar berdi.**

**– Ylalaşyk esasynda Kris Bouen COP31-e başlyklyk eder, maslahaty geçirmek hukugy bolsa, Türkiýä geçirildi. COP31-e taýýarlyk görmek boýunça esasy gepleşikler Awstraliýada geçiriler. Maslahatyň esasy temasy howa boýunça maksatnamalary maliýeleşdirmek we Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlary bilen ekologiýa raýdaşlygy bolar – diýip E. Albaniz aýtdy.**



# NORWEGIÝANYŇ MEŞHUR GAÝASY



Norwegiýada 10 müň ýyl ozal dagyň depesindäki buzluklaryň eremegi we tebigy hadysalaryň täsiri netijesinde täsin gaýa emele gelipdir. Dile meňzeş uzyn gaýa «Trollýa dili» diýlip atlandyrylýar. 2010-njy ýyldan soň syýahatçylyk pudagynda meşhur bolan bu gaýa 700 metr belentlikde ýerleşýär. Trollýa diline barmak üçin Skeggedal daglarynyň gerişlerinde ýöräp, 27 kilometr ýol geçmeli bolýar. Gezelenç etmek üçin 10-12 sagat wagt alýan bu ýer tomus we güýz paslynda köp adamly bolýar. Deňiz derejesinden 1 müň 180 metr beýiklikdäki bu gaýanyň eteginde owadan tebigaty bilen tanalýan Ringedalswatn atly köl bar. Trollýa diline iň ýakyn ýerde Odda şäheri we Skeggedal obasy ýerleşýär. Skeggedal daglarynyň tebigaty örän owadan bolup, käbir gaýalaryň arasynda köller bar. Bu ýerdäki gaýalaryň beýikligi 1 müň 500 metre çenli ýetýär.

Soňky ýyllarda Trollýa diline gezelenje barýanlaryň sany barha artýar. Maglumatlara görä, Norwegiýanyň nyşany hasaplanýan uzyn gaýany görmek üçin her ýyl 80 müňden gowrak syýahatçy barýar. Syýahatçylar gaýanyň üstünde ýadygärlik surata düşýärler. Ýurtda gaýany gorap saklamak we tebigy gözelligi geljek nesillere ýetirmek maksady bilen birnäçe çözgütler amala aşyrylýar. Ýylyň belli döwürlerinde – garly, ygally, ümürli, şemally günlerde Trollýa diline adam goýberilmeýär. Ýerli we daşary ýurtly syýahatçylaryň howpsuzlygy göz öňünde tutulyp, gaýanyň üstünde iýip-içmek, bökmek we ylgamak gadagan edilýär. Uzyn gaýanyň üstünde dag peýzažy örän owadan görünýär. Trollýa dili kinoda we sungatda meşhur bolmasa-da, «Netflix»-iň «Ragnarok» serialynda (2020-2023ý.) görkezilmegi bilen köpçülige mälim edildi.



# Eger siz üşeýän bolsaňyz...

**Eger siz galyň geýnendigiňize garamazdan, dowamly üşeýän bolsaňyz, onda saglyk bilen baglanyşykly düýpli sebäpler bolup biler. B12 witamininiň ýetmezçiligi, damarlaryň daralmagy we iýmitlenişiň bozulmagy ýaly ýagdaýlar bedeniň temperatura deňagramlylygyna öz täsirini ýetirýär. Howanyň sowuk günlerinde eliň we aýagyň ýylamaýan bolsa, yzygiderli titreme, gowşaklyk hem-de ýadawlyk ýaly alamatlar bilen ýüzbe-ýüz bolýan bolsaňyz, munuň sebäbi diňe bir howanyň sowamagy bilen bagly däl. Eýsem, haýsy ýagdaýlar üşemäge sebäp bolýar?**

Sowuk howada daşarda köp wagt geçirmek islemeýäris. Mümkin boldugyça ýyly geýnip, çalt yzymyza dolanyp gelýäris. Köplenç «Men örän üşeýärin» diýýäris. Şeýle-de bolsa, üşemek diňe sowuk howa bilen bagly däl. Bilermenleriň pikiriçe, dowamly üşemek ganazlykdan başlap, galkan şekilli mäziň işiniň bozulmagy, gan aýlanyşynyň peselmegi, gandaky şekeriň pese düşmegi we nerw bozulmalary bilen baglanyşykly bolup biler.

Üşemek bedeniň temperaturasyny saklamak üçin tebigy reaksiýadyr. Bu ýagdaý has ýygylaşsa gyzdyrma, titreme we ysgynsyzlyk ýaly alamatlar ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda lukmana ýüz tutup, wagtynda bejergi almaly.

Gandaky şekeriň mukdary pese düşende beýniniň işiniň peselmegi bilen birlikde, çalaja sowuga hem titräp durmak ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar. Eger bedeniňizde şeýle duýduryş bar bolsa, onda lukmançylyk barlaglaryndan geçmek we kesel töwekgelçiligini anyklamak zerurdyr. Dowamly üşemek, nädogry iýmitlenmek we agramyň artmagy süýji kesele uçramak howpuny has artdyrýar.



Eger eliňiz we aýagyňyz dowamly üşeýän bolsa, bu ganazlyk alamaty hem bolup biler. Zenanlarda köp duş gelýän bu ýagdaýyň sebäbi nädogry iýmitlenmek we iýmit siňdiriş ulgamynyň bozulmagy bilen baglydyr.

**HAÝSY WITAMIN ÝETMEÝÄR?**

B12 we C witamini, demir hem-de folat ýetmezçiligi üşemek duýgusyny döredip bilýär. Eger bu ýagdaý 10 günden geçse we gaýtalanýan bolsa, lukmançylyk barlaglaryndan geçip, bejergi almak zerurdyr. Şeýle hem howanyň sowuk günlerinde deňagramly we yzygiderli iýmitlenmäge üns bermeli. Gök önümlerden taýýarlanan çorbalary we sitrus miweleri köpräk iýmeli. Ýeterlik dynç almaly we öýde bedeni gyzdyryjy maşklary ýerine ýetirmeli.

# Sowgat bermegi halaýaňyzmy?



**Ýakynlaryňa ýa-da kimdir birine sowgat bereniňde hem özüň, hem-de sowgat alan adam begenýär. Uly ýa-da kiçidigine garamazdan, islendik sowgat adamda hoşniýetli duýgulary emele getirýär. Köplenç doglan günlerde we baýramçylyklarda birek-birege sowgat berilýär. Eýsem, sowgat bermegiň ähmiýeti näme?**

Köpler sowgat alanynda begenýär. Olaryň begenjini görüp, sowgat beren adam hem begenýär we özüni bagtly duýýar. Bu edil zynjyr görnüşinde bolup, durmuşa bolan kanagatlanma duýgusyny döredýär.

Sowgat bermek birek-biregiň arasynda özara söýgini we hormaty döredýär. Esasan hem, sussupes adamlara sowgat berlende, olar özleriniň söýülýändigine we eý görülýändigine düşünýärler.

Sowgat bermek bir zat satyn almak diýmek däl. Köpler satyn alynýan taýýar sowgady halamaýarlar. Şeýle ýagdaýda öýde el zähmeti bilen bir zatlar ýasap, süýjülikler bişirip bilersiňiz.

Sowgat bermek ýakynlaryň ýa-da kimdir biri bilen begenjiňi we şatlygyňy paýlaşmagy öwredýär.

Sowgat bermek adamyň duýgularyny beýan etmäge ýardam edýär. Sowgat bermek arkaly ýakynlaryň we kimdir biriniň aladasynyň edilýändigini, ýadyňdan çykarmaýandygyňy we hormat-sylagy aňladyp bolýar.

Sowgat bermek, esasan hem, el zähmeti bilen ýasan zadyňy sowgat bermek döredijilige bolan ukybyňy ösdürýär. Mysal üçin, çagajyga hozuň gabygyna kiçijik kagyz ýelken ýelmenip ýasalan gämini, kagyzdan ýasalan arçany sowgat bermek.

Sowgat bermek döredijiligi, estetiki manyny baýlaşdyrýar we ösdürýär. Ýakynlaryňa sowgat hökmünde berip biljek zatlaryň sanawyny ýazmaly. Soňra şol adamyň özüne mahsus sowgady saýlamaly we daşyny owadan kagyzlar ýa-da bezegler bilen örtmeli. Bu adamyň estetik duýgusyny ösdürip, gözellikleri saýlap bilmegi we görmegi öwredýär.

## ÇAGALAR

Totular 100 töweregi sözi ýat tutup, müňlerçe sese hem öýkünip bilýärler.

# Totularyň täsin dünýäsi



**Biri-birinden owadan, dürli reňkde öwşün atýan totular aragatnaşyk saklamak üçin birnäçe sesleri ulanýarlar. Adamyň sesine öýkünip bilýän we diýeniňi yzyňdan gaýtalaýan totular dünýädäki iň akylly guşlaryň biri hasaplanýar. Aslynda, totularyň hemme görnüşi geplemegi başarmaýar. Afrika çal totusy (žako), Amazonka totusy, kellesi sary ýaşyl toty, kakadu, wolnistyý totusy, boýny halkaly hindi totusy, monah totusy (kalita) geplemegi başarýan guşlaryň iň meşhur görnüşleridir. Öýlerde saklanýan totularyň köpüsi özara gürrüňleri ýatda saklap, dürli sözleri aýdyp bilýär. Maglumatlara görä, totular 100 töweregi sözi ýat tutup, müňlerçe sese hem öýkünip bilýärler.**

Totular islendik sese öýkünip, şol sesi gaýtalap bilýär. Gepleýän guşlar aýdýan sözüniň manysyna düşünmeýär. Diňe ýadynda galan sözleri yzygiderlilikde gaýtalap bilýär. Alymlaryň bellemegine görä, totular öwrenen sözlerini 1 günden 1 hepdä çenli, hatda ömürlik ýatda saklamagy başarýarlar. Bu eýjejik guşlar kiçiliginden öýde saklananda eýesiniň aýdýan sözlerini has çalt ýadynda saklaýar. Totularyň horazy mäkiýanyna görä, geplemegi has çalt öwrenýär. Öýkünjeň guşlar sözleri gaýtalamak bilen bir hatarda dürli oýunlary edip, eýesini şatlandyrýar.



**TOTULARYŇ NÄÇE GÖRNÜŞI BAR?**

Köp öýlerde bezeg maksady bilen saklanýan totularyň Ýer ýüzünde 400-e golaý görnüşi bolup, bu guşlar gepläp bilýändigi bilen meşhurdyr. Totular üç uly topara (hakyky totular, kakadu we Täze Zelandiýa totulary) bölünýär. Totularyň esasy bölegi Günorta Amerikada we Awstraliýada ýaşaýar.

Totular uzak ýaşaýandygy bilen hem tapawutlanýar. Bilermenler bu guşlaryň uzak ýaşamagynyň syryny akyllydygy we ugurtapyjylygy bilen düşündirýärler. Ýagny totular dürli tebigy howplara garşy göreşip, çylşyrymly ýagdaýlardan baş alyp çykyp bilýärler. Şeýle hem iýýän zatlaryna ünsli çemeleşýärler. Totularyň uly görnüşleri kiçilerine görä has uzak ýaşaýar. Totularyň iň ulularynyň agramy 3-4 kilograma çenli ýetip, iň kiçileriniň agramy bolsa 10 gramdan geçmeýär.

**GUŞLARA GEPLEMEGI NÄDIP ÖWRETMELI?**

Adamlar totulary XV asyrda eldekileşdirip başlapdyrlar. Bu guşlaryň käbir görnüşi öýde saklamaga has amatly bolup, birnäçe sözi ýat tutduryp, dürli oýunlary öwredip hem bolýar. Amerikan totusy, wolnistyý totusy, Amazon totusy, žako we kakadu öý şertinde has köp saklanýar. Totularyň bu görnüşleri owadanlygy, akyllylygy we heňleri gaýtalap bilmegi bilen tapawutlanýar. Totularyň çüňki egri bolansoň, dili hem galyň bolýar. Şol sebäpli öýkünjeň guşlaryň eldekileşdirilen görnüşi sözleri az mukdarda ýat tutup we gaýtalap bilýär. Totulara sözi ýat tutdurmak we aýtdyrmak aňsat däl. Guşa aýtdyrmak isleýän sözüňizi her 2-3 minutdan 4-5 gezek gaýtalamaly. Totular görnüşine görä, 4-6 hepdeden 6 aý ýa-da 1 ýyla çenli geplemegi öwrenýärler. Guşlara geplemegi öwretmek üçin, jüýjeliginde ideg etmeli bolýar. Şeýle hem guşuňyzyň geplemegini isleseňiz ýeke saklamaly we kapasasynda aýna goýmaly däl. Şeýlelikde, öýde saklaýan guşuňyz size öwrenişer we aýdýan sözleriňizi has çalt gaýtalap başlar. Hatda käbir hereketiňize hem öýkünip biler.

**ALEKS: DÜNÝÄNIŇ MEŞHUR TOTUSY**

Häzirki wagta çenli hasaba alnan iň akylly toty Aleks bolup, 50 jisimi, 7 reňki, 6 görnüşli şekili tanap, 8-e çenli sanap bilýärdi. Afrika çal totusyna (žako) degişli bu guş 31 ýaşady. Amerikan psihology Aýrin Pepperberg bu guşy 1 ýaşynda satyn alyp, dürli synaglardan geçirýär. Pepperberg «Aleks we men» atly kitabynda totular bilen bagly gyzykly maglumatlary getirip, geçiren synaglarynyň netijeleri barada belleýär. Aleks 100-den gowrak sözi ýatdan bilip, daş-töweregindäki jisimleri düşündirip bilipdir. Mysal üçin, bu guşdan «Şu nähili reňk?» diýip soralanda, dogry jogap beripdir. Hatda Aleks banan, alma ýaly miweleri tanap, tapawutlandyrmagy başarypdyr. 30 ýyllap synagda bolan Aleks soraglardan ýadan wagty yza gitmek isleýändigini aýdyp, «Synaglara gitmek isleýäňmi?» diýip soralanda sesini çykarman, kellesini aşak salyp oturýar eken. Ylmy synaglaryň çäginde Aleks soraglaryň 80 göterimine dogry jogap beripdir. Aleks 1976-2007-nji ýyllar aralygynda eýesiniň gözegçiliginde Angliýada we ABŞ-da ýaşady. Adatça žakolar öý gözegçiliginde 45 ýyla çenli ýaşaýarlar.



# Tort haçandan bäri taýýarlanylýar?!



Ilkinji tortuň haçan peýda bolandygy belli däl. Bu süýjüligiň taryhynyň 2 müň ýyldan gowrakdygy çaklanylýar. Üstüne owradylan däne sepilen çörekleriň suratlary Gresiýanyň we Gündogaryň käbir taryhy maglumatlarynda saklanyp galypdyr. Gadym döwürlerde bal bilen hoz garylan çörekli süýjülik meşhur bolup, bu tortuň ilkinji nusgasy hasaplanýar. «Tort» italýan diliniň «florid» sözünden gelip çykyp, «haşamlanan, owadan bezelen» diýen manyny berýär. Wagtyň geçmegi bilen bu süýji iýmit dürli ýurtlara ýaýrap, «tort», «cake» we «pasta» atlary bilen tanalyp başlaýar. Belli bir döwürlerde tort söýginiň, dostlugyň, agzybirligiň nyşany hökmünde peýdalanylypdyr. Tort kesmek ylalaşygyň, şowlulygyň gazanylandygyny görkezipdir.

**GYZYKLY MAGLUMATLAR**

- Ilkibaşda tort iki bölek tegelek çöregiň arasyna baldyr mürepbe goýlup taýýarlanypdyr.
- Gadym döwürlerde tort häzirki bilşimiz ýaly süýji iýmit bolmandyr.
- Fransuzlarda ilkibaşda tort diýip etli gutaba aýdypdyrlar.
- Doglan gün üçin ilkinji tort 1975-nji ýylda taýýarlanyldy.
- Iň uzyn tort Hindistanyň Trissur şäherinde köpçülige hödürlenildi. Uzynlygy 5,3 kilometre, agramy 27 tonna barabar bolan äpet wanil torty 2020-nji ýylda Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.
- Iň kiçi tort şweýsariýaly konditerçi tarapyndan ýasalyp, bu torty barmagyň ujunda saklap bolýar.
- Iň agyr tort Meksikada taýýarlanyp, agramy 54 tonnadan gowrakdyr.
- Iň beýik tort Jakartada ýasaldy. Ak arça meňzeş tortuň beýikligi 33 metre barabar.

**Şekilli sudoku**

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



**Labirint**



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**9 tapawudy tapyň!**



**Gyzykly pursat**



# IÝMIT, AŞPEZÇILIK SUNGATY WE HYZMATLAR

**Iýmit we aşpezçilik sungaty, restoran hyzmatlary dünýäde iň köp üns berilýän ugurlar bolup, soňky ýyllarda müşderiniň syn etmeginde nahar taýýarlap bermek hyzmatlary ýola goýulýar. Dünýäde italýan, hytaý, meksikan, ýapon, fransuz we türk aşhanalary öňdeligi eýeleýär. Gazetimiziň şu sanynda ilkinji restoranlar, sargyt esasynda iýmit eltip bermek hyzmaty, meşhur tagamlar, işdäaçarlar hem-de dünýäde iň köp iýilýän iýmitler barada gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**



## Iň gadymy restoran

Dünýädäki üznüksiz işleýän ilkinji restoran Ispaniýanyň Madrid şäherindäki «Sobrino de Botin» bolup, 1725-nji ýylda açylýar. Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen iň gadymy restoran ilkibaşda myhmanhana bolup, syýahatçylar odun peçde öz naharyny bişirip iýipdirler. Häzirki wagtda hem işleýän bu restoranda kastiliýa tagamlary taýýarlanylýar. Gyzyl kerpiçden gurlan 3 gatly restoranyň müşderileriniň yzy üzülmeýär. «Sobrino de Botin» restoranyndan başga-da, 1750-1800-nji ýyllarda Parižde, Rimde, Madridde we Hytaýda köpçülikleýin naharlanylýan ýerler açylýar.



## Sezar işdäaçary

Sezar dünýäde iň köp iýilýän işdäaçar hasaplanýar. Özboluşly tagamy bolan bu işdäaçar Meksika göçüp baran italýan Sezar Kardini tarapyndan oýlanyp tapylypdyr. Işdäaçaryň asyl nusgasyna gaýnadylan ýumurtga, kakadylan çörek, rim kelem ýapragy, parmezan peýniri, wusters hurşy, külke balyk, sarymsak, gorçisa, zeýtun ýagy, limonyň suwy we gara burç goşulyp taýýarlanylýar. Sezardan başga-da, koulslou, grek işdäaçary, kobb işdäaçary dünýäde iň köp iýilýän işdäaçarlar hasaplanýar.



## Kim nämäni köp iýýär?!

Tüwi dünýäde iň köp iýilýän iýmit bolup, ondan soňra towuk eti, ýumurtga, çörek, balyk, ýeralma, süýt, alma, aş önümleri, gök-bakja önümleri we däneli iýmitler gelýär. ABŞ, Awstraliýa we Argentina adam başyna düşýän eti iň köp sarp edýän ýurtlar bolup, Ýaponiýa iň köp balyk we deňiz önümlerini iýýän ýurt hasaplanýar. Hindistan adam başyna iň az et sarp edýän ýurt bolup, hindileriň käbir taýpasy et iýýär. Hytaýlylar tüwini iň köp iýýän halk bolup, ondan soňra hindiler gelýär. Meksika we Ýaponiýa iň köp ýumurtga iýýän ýurtlardyr. Bu ýurtlarda adam başyna her ýyl ortaça 320-337 ýumurtga düşýär. Finlýandiýa süýt önümlerini has köp iýýändigi bilen tapawutlanýar. Belarus, Ukraina we Gyrgyzystan ýaly ýurtlar bolsa, ýeralmany has köp sarp edýärler. Dünýäde her ýyl 4 milliard tonna töweregi iýmit iýilýär.



## Ilkinji eltip bermek hyzmaty

Ilkinji iýmit eltip bermek hyzmaty 1768-nji ýylda Koreýada ýola goýulýar. Koreýler nenmýon (sowuk çorba) atly milli naharyny tiz wagtda sargyt edilen ýere eltip bermek üçin aşpezleriň hyzmatyndan peýdalanypdyrlar. Gyşyna iýilýän bu nahara hyýar, turp, koreý armydy, dilimlenen sygyr eti hem-de uzyn spagetti (aş) goşulypdyr. Aşpez ýany bilen bişirilen bu önümleri aýratynlykda alyp gaýdypdyr we ýangbanlaryň (dolandyryjy gatlak) öýüne baryp, çorbaly ýa-da çorbasyz görnüşde taýýarlap beripdir. 1889-njy ýylda Italiýada pizza eltip bermek hyzmaty ýola goýulýar. Şol ýyllar pizzaçy Raffaele Espozito patyşa maşgalasyna sargyt edilen pizzalary eltip beripdir. 1890-njy ýyllarda Hindistanda hem bişirilen nahary gutulara salyp, işçilere eltip bermek hyzmaty ýola goýulýar. Nahar eltip berýän ilkinji restoran Los-Anjelesde açylýar. Kin-Çu kafesi 1922-nji ýylda günortana çenli hytaý tagamlaryny eltip bermek hyzmatyny ýola goýýar. Häzirki wagtda uly restoranlardyr söwda merkezlerinden başlap, kiçijik dükanlara çenli eltip bermek hyzmaty amala aşyrylýar. Soňky ýyllarda eltip bermek hyzmatynda dronlardan hem peýdalanylyp başlandy.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ GYMMAT IÝMITLERI

**Iýmit adamzat ýaşaýşy üçin esasy serişde bolup, gök önümlerdir azyk önümleriniň köp görnüşi ähli ýerde diýen ýaly birmeňzeş duş gelýär. Käbir iýmit görnüşleri bolsa, belli bir sebitde öndürilmegi bilen tapawutlanyp, dünýäniň iň gymmat tagamlarynyň sanawyny emele getirýär. Seýrek duş gelýän iýmitlere isleg ýokarlandygyça, bahasy hem artýar. Geliň, seýrek duş gelýän, üýtgeşik tagamy bilen köpçüligiň ünsüni özüne çekýän dünýäniň iň gymmat iýmitleri bilen tanyş bolalyň!**



**Şafran.** Hoşboý ysly gülden alynýan şafran dünýädäki iň gymmat ysly iýmit hasaplanýar. Baýyrlarda, dag eteklerinde ösýän şafran ýazda we güýzde gül açýar. Bu ösümligiň gülgün reňkli gülüniň gültäjinden gyzyl murtjagazlar ösüp çykýar. Hoşboý ysly iýmit gyzyl murtjagazlary ýolup, guradyp ýygnamak arkaly taýýarlanýar. Juda ownuk iş hasaplanýan şafranyň 1 kilogramyny öndürmek üçin 80 müň düýp gül ýa-da 1 gektar şafranly meýdan gerek bolýar.



**Trýufel.** Brokkolä meňzeş gara kömelek bolan trýufel askomikota ýerasty kömelekleriň miweli bedenleridir. 100-den gowrak görnüşi bolan trýufel agaçlaryň düýbünde ösýär. «Aşhananyň göwheri» diýlip atlandyrylýan bu kömelekleri ýygnamak oba hojalyk işleriniň möhüm möwsümi hasaplanýar. Fransuz, italýan, horwat, ispan we Ýakyn Gündogar aşhanalarynda trýufelden dürli tagamlar taýýarlanylýar. Trýufeliň ak görnüşi garasyndan has gymmat. Medenileşdirilen we ýabany ýagdaýda bitýän kömelegiň bu görnüşini doly tanamazdan iýmek maslahat berilmeýär.



**Işbil.** Balyk ýumurtgasy bolan işbil adatça, dünýäde iň gymmat iýmitleriň biri hasaplanýar. Şeýle-de bolsa, işbiliň ähli görnüşi beýle gymmat däl. Dünýädäki iň gymmat bahaly işbil bekre balygyndan alynýar. Ak bekräniň işbili gara bekräniň işbilinden has gymmat bolup, «gara altyn» Hazar deňziniň günortasynda ýaşaýan bekrelerden alynýar.



**Wagýu eti.** Dünýäde iň gymmat mal eti hasaplanýan wagýunyň meşhurlygy 2000-nji ýyllardan soň has-da artdy. Uly isleg bildirilýän wagýu eti diňe Ýaponiýada ösdürilip ýetişdirilýän iri şahly mallaryň ýörite tohumyndan alynýar. «Agzyňda eräp gidýär» diýilýän wagýu eti diýseň tagamly bolup, düzüminde köp mukdarda ýag bar. Mal ýörite usullar bilen soýlup, et ýagyrnysynyň başlanýan ýerinden – gapyrga süňküniň oňurga birigýän ýerinden alynýar. Muňa başgaça, «kote de boeuf» (gapyrga biftegi) hem diýilýär.




**Kopi luwak.** Siwetta kofesi ýa-da kopi luwak Günorta Aziýada ýaşaýan siwet pişiginiň iýmit siňdiriş ulgamyndan geçen kofe dänelerinden alynýar. Kopi luwak dünýädäki iň gymmat kofe görnüşi bolup, Ýaponiýada, Hytaýda we Koreýa Respublikasynda has köp içilýär. Adatça tokaýda ýaşaýan siwet pişikleri bu önümi almak üçin ketekde saklanýar. Bu jandar kofeniň süýji dänelerini iýýär. Şeýlelik bilen, kofeniň düzümindäki fermentler üýtgäp, başgaça tagama eýe bolýar. Kofe taýýarlanmazdan ozal, mazaly ýuwulýar, Günüň aşagynda guradylýar, gowrulýar we soňra demlenýär. Ilkibaşdaky süýjümtik kofe däneleri ahyrynda ýiti tagamly kofä öwrülýär.

## 60-njy KROSSWORD



**KESELIGINE:** **1.** «... çalyp gara göze, /Bizden ki uýat eýleýir» (Magtymguly Pyragy). **4.** Nahar bişirýän adam. **10.** Dermanlyk ösümlik. **11.** At çapyşygy geçirilýän ýörite ýer, meýdan. **12.** Guýrugy arkan jaýtaryp duran, zäherli möjejik. **13.** Aýdym-saz žanry. **15.** «Eşitseň ýaman söz ýagşy dostuňdan,/Ýanar durar, ýüregiňde ... bolar» (Seýdi). **17.** Mähirli, mylaýym. **21.** Oglan ady. **22.** «... gaýrat bolsa, özge syn bolmaz» (nakyl). **23.** Biri-birine laýyk, barabar. **27.** «Ilki öýüň ..., soň daşy» (nakyl). **29.** «Bir gören tanyş, ... gören garyndaş» (nakyl). **31.** Isleg, arzuw (köne söz). **32.** Küşt oýnunda ak mallar. **33.** Awtoulag ýaryşy. **34.** Kysmat, ýazgyt. **35.** «Başynda karkara, zerrin ...,/Şasenem sypatly gyzlary bardyr» (Magtymguly Pyragy).

**DIKLIGINE:** **2.** Bir zady ýolmak. **3.** Meksikanyň paýtagty. **5.** Sport enjamy. **6.** Ele geýmek üçin ýüňden örülen ýa-da matadan, gaýyşdan tikilen önüm. **7.** Ýüz ýyllyk wagt, döwür. **8.** Saz guraly. **9.** Täze köpelen malyň ilkinji sagymynyň süýdünden bişirilen iýmit. **14.** Dogralan gyzgyn çörekden ýagda owup taýýarlanylýan iýmit. **16.** Suwda ýaşaýan ýasy çüňkli, boýny we aýaklary gysga guş. **17.** Baglaýjy kömekçi. **18.** Kimdir biriniň ýa-da taryhy wakanyň özi hakynda, hatyrasyna. **19.** Keýpi kök, jany sag. **20.** Suw akdyrmak, goýbermek üçin çuň bolmadyk aryk, salma. **24.** Bezeg üçin burna dakylýan tegelek kümüş ýa-da gyzyl şaý. **25.** «Ýykyljak ... kyrk gün öňünden jygyldar» (nakyl). **26.** Içki duýgyňy aňlatmak üçin ýüz, göz, el we ş.m. bilen edilýän üm. **27.** Il, halk. **28.** Gymyldy-hereketi, ýagdaýy aňladyp, zamanda, ýöňkemede we sanda üýtgeýän söz topary. **29.** Bir zat barada edilýän arzuw, küýseg. **30.** Çabydyň ýakasyna çaňňa bilen birlikde dakylýan kümüş şaý.

**Tahyrnazar MYRATNAZAROW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

59-njy krosswordyň jogaby:



46-njy skanwordyň jogaby:



## 47-nji SKANWORD



**Eziz NURMYRADOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Kubok ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji oýunlary geçirildi

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Çekeleşikli geçen oýunlarda 7 gol derwezä girizildi.**

«Aşgabat» topary öz meýdançasynda ýaryşyň häzirki ýeňijisi «Arkadag» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen duşuşykda «Arkadag» topary 3-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň gollaryny 23-nji minutda Ylýas Çaryýew, 42-nji minutda Begenç Akmämmedow hem-de 59-njy minutda Diýargylyç Orazow geçirdi. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny bolsa 38-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Begmyrat Pirkulyýew öz adyna ýazdyrdy.

Ýarym finalyň beýleki duşuşygynda «Şagadam» topary öz meýdançasynda «Ahal» toparyndan 2–1 hasabynda üstün çykdy. Ýer eýeleri duşuşygyň başynda hem-de soňunda gol geçirmegi başardy. Deňizýaka şäheriniň toparynyň gollaryny 2-nji minutda Azizbek Bekçanow, 86-njy minutda-da Gurbanguly Garaýew derwezä girizdi. «Ahal» toparyndan Nazar Towakelowyň 27-nji minutda geçiren goly ýeňşe ýetmedi.

Ýarym finalyň jogap oýunlary 18-nji dekabrda geçiriler.

**Ýarym finalyň 1-nji oýunlary:**
**«AŞGABAT» — «ARKADAG»: 1–3**
(Begmyrat Pirkulyýew 38 p — Ylýas Çaryýew 23, Begenç Akmämmedow 42, Diýargylyç Orazow 59)
**«ŞAGADAM» — «AHAL» 2–1**
(Azizbek Bekçanow 2, Gurbanguly Garaýew 86 — Nazar Towakelow 27)



# 2 topar 1/8 finala çykmagy başardy





**AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda 5-nji duşuşyklar geçirildi. Bu tapgyryň oýunlaryndan soň 2 klub eýýämden 1/8 finala çykmaga hukuk gazandy.**

Saud Arabystanynyň «Al-Hilal» topary öz meýdançasynda Yragyň «Al-Şorta» toparyny 4–0 hasabynda ýeňip, utugyny 15-e çykardy. Ýeke utuk hem ýitirmän gelýän «Al-Hilal» toparynyň gollaryny Leonardo (45, 72), Milinkowiç-Sawiç (63) hem-de Kanselo (90+3) öz atlaryna ýazdyrdylar. «Al-Hilal» bilen bilelikde 1/8 finalyň petegini eýýämden gazanan BAE-niň «Al Wahda» topary öz meýdançasynda Kataryň «Al-Sadd» toparyny Tadiçiň (2) hem-de Kanedonyň gollary esasynda 3-1 hasabynda utdy.

Ýeňlişsiz barýan Eýranyň «Traktor» topary myhmançylykda Özbegistanyň «Nasaf» toparyny Regi Luşkýanyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Saud Arabystanynyň ýaryşda beýleki 2 topary bu tapgyry ýeňliş bilen tamamlady. «Al-Ahli» öz meýdançasynda BAE-niň «Şarjah» toparyndan Kamaranyň 81-nji minutda ýeke-täk goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňildi. «Al-Ittihad» topary bolsa myhmançylykda Kataryň «Al-Duhail» toparyndan 4–2 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollarynyň 3-sini Adil Bulbina, beýlekisini bolsa Kşiştof Şwentek derwezä girizdi. Jiddalylaryň düzüminde Karim Benzemanyň gollary ýeňşe ýetmedi.

«Al-Sadd», «Al-Şorta», «Nasaf» toparlaryna 5-nji duşuşykda hem ýeňiş gazanmak başartman, olaryň iň soňkusynyň ýeke utugy-da ýok.

Gündogar sebitinde Ýaponiýanyň «Wissel Kobe» topary öňdeligini saklap gelýär. Myhmançylykda Hytaýyň «Şanhaý Şenhua» toparyny Ideguçiniň (31) hem-de Ýamakawanyň (39) gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňen ýapon topary utugyny 12-ä ýetirdi. Öz meýdançasynda «Johor Darul Ta'zim» toparyny şol hasap bilen utan «Melburn Siti» garaşylmadyk ýagdaýda 2-nji ýerde barýar. 3-nji orundaky «FK Seul» topary myhmançylykda «Şanhai Port» toparyny 3–1 hasabynda ýeňmegi başardy. Koreý klubunyň gollarynyň 2-sini angliýaly Jessi Lingard, beýlekisini-de braziliýaly Lukas geçirdi.

**Günbatar sebiti (5-nji duşuşyklar):** Nasaf – Traktor: 0-1, Şabab Al-Ahli – Al Garafa: 2-0, Al Duhail – Al-Ittihad: 4-2, Al-Ahli – Şarjah: 0-1, Al Wahda – Al Sadd: 3-1, Al-Hilal – Al-Şorta: 4-0

**Gündogar sebiti (5-nji duşuşyklar):** Melburn Siti – Johor Darul Taz'im: 2-0, Gangwon – Maçida Zelwia: 1-3, Şanhai Port – FK Seul: 1-3, Çendu Žunçen – Sanfrekka Hiroşima: 1-1, Ulsan HD – Buriram Ýunaýted: 0-0, Şanhai Şenhua – Wissel Kobe: 0-2

# ÇEMPIONLYGA 1 ÝARYŞ GALDY

Formula 1 boýunça tamamlanyp barýan möwsümiň 22-nji ýaryşy ABŞ-nyň Las Wegas şäherinde geçirilip, bäsleşik dürli wakalara baý boldy. 50 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 1 sagat 21 minut 08,429 sekuntda tamamlady. Bu onuň şu möwsümdäki 6-njy, karýerasy boýunça-da 69-njy ýeňşi hökmünde hasaba alyndy.



Ýaryşa ilkinji hatardan bat alan «McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norris bäsleşigi 2-nji orunda, onuň topardaşy, awstraliýaly Oskar Piastri 3-nji orunda tamamlady. Ýöne bäsleşikden soň ulaglaryndaky planka ýitgileri sebäpli düzgüne laýyklykda, olaryň netijeleri hasaba alynmady we iki sürüji-de ýaryşdan çykaryldy. Netijede, «Mercedes» toparynyň sürüjileri – britaniýaly Jorj Rassell bilen italiýaly Kimi Antonelli münberiň 2–3-nji basgançaklaryna çykdylar. «Ferrari» toparynyň monakoly piloty Şarl Lekleriň 4-nji bolan ýaryşynda, onuň ozalky topardaşy, «Williams» toparynyň ispan sürüjisi Karlos Saýns 5-nji ýeri eýeledi.

Şeýlelikde, möwsümiň tamamlanmagyna 2 ýaryş galanda, 3 sürüjiniň arasynda çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edýär. Ýöne sanawyň lideri Lando Norrisiň 390 utugy bolup, ol çempionlyga has golaý sürüji, başgaça aýdylanda, britaniýaly pilot çempionlygyň bosagasynda dur. 7 ýaryşdan bäri ýeňşi ýatdan çykaran Oskar Piastri 366 utuk bilen 2-nji ýerde barýar. Soňky 7 ýaryşyň 4-sinde ýeňiş gazanan Werstappen bolsa utugyny 366-a ýetirip, Piastri bilen deňleşdi.

Möwsümiň 23-nji ýaryşy Kataryň paýtagty Dohanyň golaýyndaky Lusail şäherinde geçiriler. 30-njy noýabrda geçiriljek ýaryşda Norris ýeňiş gazanan ýagdaýynda taryhyndaky ilkinji çempionlygyny baýram eder.

# SOŇKY 53 ÝYLDA ILKINJI GEZEK

Tennis boýunça erkekleriň arasyndaky milli ýygyndylaryň ýaryşy bolan Dewis Kubogynda ýene-de çempion üýtgemedi. Italiýanyň Bolonýa şäherinde geçirilen final tapgyrynda Italiýanyň ýygyndysy bassyr 3-nji gezek çempionlyk gazandy.




Matteo Berrettini, Flawio Kobolli, Simone Bolelli hem-de Andrea Wawassoriden düzülen Italiýanyň ýygyndysy finalda Ispaniýanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Ýekeleýin duşuşyklarda Matteo Berrettini ispaniýaly Pablo Karrenýo Bustany 6:3 we 6:4 hasaplar bilen ýeňdi. Flawio Kobolli bolsa Haume Munardan 1-nji setde utulandygyna garamazdan (6:1), 2-3-nji setlerde taý-bregiň netijesinde, 7:6 we 7:5 hasaplar esasynda üstün çykmagy başardy. Şunlukda, umumy hasap 2-0 bolup, jübütleýin duşuşygyň zerurlygy galmady we Italiýanyň ýygyndysy yzly-yzyna 3-nji gezek Dewis Kubogyny eýelemegi başardy. Italiýanyň ýygyndysy soňky 53 ýylda bu kubogy yzly-yzyna 3 gezek eýelän ilkinji ýygyndy boldy. Soňky gezek 1970-71-72-nji ýyllarda ABŞ-nyň ýygyndysy bassyr 3 gezek çempionlyk gazanypdy. Bu çempionlyk Italiýanyň umumylykda 4-nji ýeňşi bolup, olar ilkinji gezek 1976-njy ýylda kubogy eýeläpdiler. Italiýanyň ýygyndysy 6 gezegem finalda ýeňlişe sezewar boldy.

Italiýanyň tennis ýygyndysy hem zenanlarda, hem-de erkekleriň arasynda 2024-nji we 2025-nji ýyllarda çempionlyk gazanyp, taryhy başarnyk görkezdi.

6 çempionlygy bolan Ispaniýanyň ýygyndysy 5-nji gezek finalda utuldy.




**29-njy noýabr (şenbe)**

| | |
|---|---|
| Bawariýa – Sankt-Pauli (19:30) | |
| Man. Siti – Lids (20:00) | |
| Barselona – Alawes (20:15) | |
| **Monako – PSŽ (21:00)** | |
| Ýuwentus – Kaliari (22:00) | |
| Ewerton – Nýukasl (22:30) | |
| **Baýer – Borussiýa D (22:30)** | |
| **Milan – Lasio (00:45)** | |
| Tottenham – Fulham (01:00) | |
| Atletiko – Owiedo (01:00) | |

**30-njy noýabr (ýekşenbe)**

| | |
|---|---|
| **K. Palas – M. Ýunaýted (17:00)** | |
| Pisa – Inter (19:00) | |
| **West Ham – Liwerpul (19:05)** | |
| **Sewilýa – Betis (20:15)** | |
| **Çelsi – Arsenal (21:30)** | |
| **Roma – Napoli (00:45)** | |
| Žirona – Real Madrid (01:00) | |

**1-nji dekabr (duşenbe)**

| | |
|---|---|
| **Fenerbahçe – Galatasaraý (22:00)** | |

**2-nji dekabr (sişenbe)**

| | |
|---|---|
| Fulham – Man. Siti (00:30) | |
| **Barselona – Atletiko (01:00)** | |
| **Nýukasl – Tottenham (01:15)** | |

**3-nji dekabr (çarşenbe)**

| | |
|---|---|
| **Atletik – Real Madrid (23:00)** | |
| **Liwerpul – Sanderland (01:15)** | |
| Lids – Çelsi (01:15) | |

**4-nji dekabr (penşenbe)**

| | |
|---|---|
| **M. Ýunaýted – West Ham (01:00)** | |

# «ARSENAL» ARANY AÇÝAR

Angliýanyň çempionatynda tälimçi Arne Slota soňky çempion «Liwerpulyň» şowsuz netijeleriniň öňüni almak başardanok. Öz meýdançasynda «Nottingam Forest» toparyndan 3–0 hasabynda asgyn gelen «Liwerpul» 60 ýyldan soň ilkinji gezek yzly-yzyna 2 oýunda jogapsyz 3 gol geçirtdi. «Liwerpulyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Murillo, Sawona hem-de Gibbs-Waýt geçirdi. Sanawyň lideri «Arsenal» Demirgazyk London derbisinde «Tottenham» toparyndan 4–1 hasabynda üstün çykdy. Trossaryň goly bilen hasaby açan topçularyň beýleki 3 goluny Ebereçi Eze öz adyna ýazdyryp, ol «Arsenaldaky» ilkinji het-trigini amala aşyrdy. «Nýukasl» öz meýdançasynda «Mançester Siti» toparyny Harwi Barnsyň gollary bilen 2–1 hasabynda utdy. «Nýukasl» topary Eddi Howuň tälimçiliginde 19 oýundan soň «Mançester Sitini» ilkinji gezek ýeňlişe sezewar etdi. «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Ewerton» bilen duşuşyp, garşydaşynyň 13-nji minutda 1 oýunçy kem galandygyna garamazdan, 1–0 hasabynda asgyn geldi. «Ewertona» ýeňiş getiren ýeke-täk goly 29-njy minutda Dýusberi-Holl öz adyna ýazdyrdy. 2-nji ýerde barýan «Çelsi» myhmançylykda «Börnlini» Pedro Netunyň hem-de Enzo Fernandesiň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy.





# «Intere» «Milany» 6 oýundan bäri ýeňmek başardanok

Italiýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi oýnunda, Milan şäheriniň derbisinde «Milan» topary myhmançylykda «Interi» 1-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ähli ýaryşlarda 6 oýundan bäri «Milany» ýeňip bilmän gelýän «Interiň» derwezesinden ýeke-täk goly 64-nji minutda Pulişiç geçirdi. Oýnuň 74-nji minutynda «Intere» hasaby deňlemäge pursat bolsa-da, «Milanyň» ozalky futbolçysy Hakan Çalhanoglunyň ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusyny derwezeçi Maýk Menýan saklamagy başardy. «Atalantany» Neresiň 2 gol geçiren oýnunda 3-1 hasabynda ýeňen «Napoli» 2 oýundan soň ýeňiş gazandy. «Interiň» ýeňilmeginden soň «Kremonezeni» Sule, Ferguson hem-de Wesli Fransanyň gollary esasynda 3-1 hasabynda utan «Roma» sanawyň 1-nji basgançagyna beýgeldi. «Fiorentina» bilen utuklary paýlaşan «Ýuwentus» täze tälimçisiniň ýolbaşçylygyndaky 4-nji duşuşygynda 3-nji gezek deňme-deň oýnady.



# Aşraf Hakimi Afrikada ýylyň futbolçysy diýlip saýlandy



Futbol boýunça Marokkonyň milli ýygyndysynyň ýyldyz oýunçysy, sag gyraky goragçy Aşraf Hakimi Afrikada ýylyň futbolçysy diýlip saýlandy. Golaýda 27 ýaşyny dolduran PSŽ-niň futbolçysy bu ugurda müsürli Mohamed Salah bilen nigeriýaly Wiktor Osimheni yzda galdyrdy. PSŽ bilen geçen möwsümi şowly tamamlan Hakimi UEFA Çempionlar Ligasynyň Kubogyny gazanypdy.

Aşraf Hakimi 2023-nji we 2024-nji ýyllarda 2-nji orny eýeläp, bu arzyly baýragy degişlilikde nigeriýaly futbolçular Wiktor Osimhen bilen Ademola Lukmana aldyrypdy.

Aşraf Hakimi bu baýragy soňky 27 ýylda gazanan ilkinji marokkoly futbolçy bolup, soňky sapar 1998-nji ýylda Mustafa Hadži Afrikada ýylyň futbolçysy diýlip saýlanypdy. Umumylykda Hakimi 6-njy marokkoly futbolçy diýlip hasaba alyndy (Pol Mukila, Ahmed Faras, Mohamed Timumi, Ezzaki Badu, Mustafa Hadži, Aşraf Hakimi).

## PREMIER LEAGUE (12) — 27 gol

**Börnli—Çelsi: 0–2** (Pedro Netu 37, Fernandes 88), **Bornmut—West Ham: 2–2** (Tawernie 69, Ünal 81 — Wilson 11, 35), **Braýton—Brentford: 2–1** (Welbek 71, Hinşelwud 84 — Tiago 29 p), **Wulwerhempton—K. Palas: 0–2** (Munios 63, Pino 69), **Liwerpul—N. Forest: 0–3** (Murillo 33, Sawona 46, Gibbs-Waýt 78), **Fulham—Sanderland: 1–0** (Himenes 84), **Nýukasl—Man. Siti: 2–1** (Barns 63, 70 — Ruben Diaş 68), **Lids—Aston Willa: 1–2** (Nmeça 8 — Rojers 48, 75), **Arsenal—Tottenham: 4–1** (Trossar 36, Eze 41, 46, 76 — Rişarlison 55), **M. Ýunaýted—Ewerton: 0–1** (Dýusberi-Holl 29)

## LA LIGA (13) — 23 gol

**Walensiýa—Lewante: 1–0** (Duro 79), **Alawes—Selta: 0–1** (Ýago Aspas 55 p), **Barselona—Atletik: 4–0** (Lewandowski 4, Torres 45+3, 90, Fermin Lopes 48), **Osasuna—R. Sosiedad: 1–3** (Katena 42 — Mendes 53, Gedeş 59, Barreneçea 82), **Wilýarreal—Malýorka: 2–1** (Moreno 6, Oluwaseýi 83 — Samu Koşta 8), **Owiedo—R. Wallekano: 0–0, Betis—Žirona: 1–1** (Gomes 75 — Wanat 20), **Hetafe—Atletiko: 0–1** (Duarte 82 ö.d.), **Elçe—Real Madrid: 2–2** (Febas 53, Rodriges 84 — Hýoýsen 78, Bellingam 87), **Espanýol—Sewilýa: 2–1** (Milýa 48, Fernandes 84 — Markao 86)

## SERIE A (12) — 35 gol

**Kaliari—Jenoa: 3–3** (Borrelli 33, 60, Espozito 43 — Witinýa 18, Estigor 41, Martin 83), **Udineze—Bolonýa: 0–3** (Pobega 54, 60, Bernardeski 90+4), **Fiorentina—Ýuwentus: 1–1** (Mandragora 48 — Kostiç 45+6), **Napoli—Atalanta: 3–1** (Neres 17, 38, Lang 45 — Skamakka 52), **Werona—Parma: 1–2** (Žiowane 65 — Pellegrino 18, 80), **Kremoneze—Roma: 1–3** (Folino 90+3 — Sule 17, Ferguson 64, Wesli Fransa 69), **Lasio—Leççe: 2–0** (Genduzi 29, Noslin 90+5), **Inter—Milan: 0–1** (Pulişiç 54), **Torino—Komo: 1–5** (Wlaşiç 45+2 p — Addaý 36, 52, Ramon 72, Paz 78, Baturina 86), **Sassuolo—Pisa: 2–2** (Matiç 6, Torstwedt 90+5 — Nzola 4 p, Meýster 81)

## BUNDESLIGA (11) — 32 gol

**Maýns—Hoffenhaým: 1–1** (Da Kosta 76 — Hançe-Olsen 9 ö.d.), **Haýdenhaým—Borussiýa M: 0–3** (Diks 45+1, Tabakowiç 55, Matino 76), **Wolfsburg—Baýer: 1–3** (Wawro 57 — Hofmann 9, Tapsoba 24, Tillman 33), **Borussiýa D—Ştutgart: 3–3** (Jan 34 p, Baýer 41, Adeýemi 89 — Undaw 47, 71, 90+1), **Bawariýa—Fraýburg: 6–2** (Karl 22, Olise 45+2, 84, Upamekano 55, Keýn 60, Jekson 78 — Suzuki 12, Manzambi 17), **Augsburg—Hamburg: 1–0** (Kade 76), **Köln—Aýntraht: 3–4** (Kaminski 4, Bülter 83, Waldşmidt 90+4 — Teate 39, Daud 45+6, Burkardt 60, 63), **Leipsig—Werder: 2–0** (Wedraogo 63, Şlager 80), **Sankt-Pauli—Union Berlin: 0–1** (Hedira 44)

## LIGUE 1 (13) — 31 gol

**Nissa—Marsel: 1–5** (Şo 63 — Obameýang 11, Grinwud 33, 53, Wea 58, Paýşao 74), **Lans—Strasbur: 1–0** (Ganiýu 69), **Renn—Monako: 4–1** (Budlýal 20, Kamara 48, Embolo 73, Blýas 83 p — Biret 90+5), **PSŽ—Le Hawr: 3–0** (Li Kan In 29, Neweş 65, Barkola 87), **Oser—Lion: 0–0, Tuluza—Anže: 0–1** (Belkdim 16), **Nant—Loriýan: 1–1** (Awazim 90+1 — Awazim 45+1 ö.d.), **Brest—Mets: 3–2** (Mboup 2, Dumbiýa 48, Del Kastilio 90+10 p — Sitaişwili 6, Kulibali 79 ö.d.), **Lill—Pariž: 4–2** (Žiru 40, 77 p, Mandi 80, Broholm 90+4 p — Žebbel 11, Duse 84)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 12 | 9 | 2 | 1 | 24-6 | 29 |
| 2 | ÇELSI | 12 | 7 | 2 | 3 | 23-11 | 23 |
| 3 | MAN. SITI | 12 | 7 | 1 | 4 | 24-10 | 22 |
| 4 | ASTON WILLA | 12 | 6 | 3 | 3 | 15-11 | 21 |
| 5 | KRISTAL PALAS | 12 | 5 | 5 | 2 | 16-9 | 20 |
| 6 | BRAÝTON | 12 | 5 | 4 | 3 | 19-16 | 19 |
| 7 | SANDERLAND | 12 | 5 | 4 | 3 | 14-11 | 19 |
| 8 | BORNMUT | 12 | 5 | 4 | 3 | 19-20 | 19 |
| 9 | TOTTENHAM | 12 | 5 | 3 | 4 | 20-14 | 18 |
| 10 | M. ÝUNAÝTED | 12 | 5 | 3 | 4 | 19-19 | 18 |
| 11 | EWERTON | 12 | 5 | 3 | 4 | 13-13 | 18 |
| 12 | LIWERPUL | 12 | 6 | 0 | 6 | 18-20 | 18 |
| 13 | BRENTFORD | 12 | 5 | 1 | 6 | 18-19 | 16 |
| 14 | NÝUKASL | 12 | 4 | 3 | 5 | 13-15 | 15 |
| 15 | FULHAM | 12 | 4 | 2 | 6 | 13-16 | 14 |
| 16 | N. FOREST | 12 | 3 | 3 | 6 | 13-20 | 12 |
| 17 | WEST HAM | 12 | 3 | 2 | 7 | 15-25 | 11 |
| 18 | LIDS | 12 | 3 | 2 | 7 | 11-22 | 11 |
| 19 | BÖRNLI | 12 | 3 | 1 | 8 | 14-24 | 10 |
| 20 | W. HEMPTON | 12 | 0 | 2 | 10 | 7-27 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 14 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 9 |
| 3 | Danni WELBEK (Braýton) | 6 |
| 4 | Žan-Filipp MATETA (K. Palas) | 6 |
| 5 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 6 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 13 | 10 | 2 | 1 | 28-12 | 32 |
| 2 | BARSELONA | 13 | 10 | 1 | 2 | 36-15 | 31 |
| 3 | WILÝARREAL | 13 | 9 | 2 | 2 | 26-11 | 29 |
| 4 | ATLETIKO M | 13 | 8 | 4 | 1 | 25-11 | 28 |
| 5 | BETIS | 13 | 5 | 6 | 2 | 20-14 | 21 |
| 6 | ESPANÝOL | 13 | 6 | 3 | 4 | 17-16 | 21 |
| 7 | HETAFE | 13 | 5 | 2 | 6 | 12-15 | 17 |
| 8 | ATLETIK B | 13 | 5 | 2 | 6 | 12-17 | 17 |
| 9 | R. SOSIEDAD | 13 | 4 | 4 | 5 | 17-18 | 16 |
| 10 | ELÇE | 13 | 3 | 7 | 3 | 15-16 | 16 |
| 11 | SEWILÝA | 13 | 5 | 1 | 7 | 19-21 | 16 |
| 12 | SELTA | 13 | 3 | 7 | 3 | 16-18 | 16 |
| 13 | R. WALLEKANO | 13 | 4 | 4 | 5 | 12-14 | 16 |
| 14 | ALAWES | 13 | 4 | 3 | 6 | 11-12 | 15 |
| 15 | WALENSIÝA | 13 | 3 | 4 | 6 | 12-21 | 13 |
| 16 | MALÝORKA | 13 | 3 | 3 | 7 | 13-20 | 12 |
| 17 | OSASUNA | 13 | 3 | 2 | 8 | 10-16 | 11 |
| 18 | ŽIRONA | 13 | 2 | 5 | 6 | 12-25 | 11 |
| 19 | LEWANTE | 13 | 2 | 3 | 8 | 16-24 | 9 |
| 20 | OWIEDO | 13 | 2 | 3 | 8 | 7-20 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 13 |
| 2 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 8 |
| 3 | Hulian ALWARES (Atletiko) | 7 |
| 4 | Ferran TORRES (Barselona) | 7 |
| 5 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 6 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ROMA | 12 | 9 | 0 | 3 | 15-6 | 27 |
| 2 | MILAN | 12 | 7 | 4 | 1 | 18-9 | 25 |
| 3 | NAPOLI | 12 | 8 | 1 | 3 | 19-11 | 25 |
| 4 | INTER | 12 | 8 | 0 | 4 | 26-13 | 24 |
| 5 | BOLONÝA | 12 | 7 | 3 | 2 | 21-8 | 24 |
| 6 | KOMO | 12 | 5 | 6 | 1 | 17-7 | 21 |
| 7 | ÝUWENTUS | 12 | 5 | 5 | 2 | 15-11 | 20 |
| 8 | LASIO | 12 | 5 | 3 | 4 | 15-9 | 18 |
| 9 | SASSUOLO | 12 | 5 | 2 | 5 | 16-14 | 17 |
| 10 | UDINEZE | 12 | 4 | 3 | 5 | 12-20 | 15 |
| 11 | KREMONEZE | 12 | 3 | 5 | 4 | 13-16 | 14 |
| 12 | TORINO | 12 | 3 | 5 | 4 | 11-21 | 14 |
| 13 | ATALANTA | 12 | 2 | 7 | 3 | 14-14 | 13 |
| 14 | KALIARI | 12 | 2 | 5 | 5 | 12-17 | 11 |
| 15 | PARMA | 12 | 2 | 5 | 5 | 9-15 | 11 |
| 16 | PISA | 12 | 1 | 7 | 4 | 10-16 | 10 |
| 17 | LEÇÇE | 12 | 2 | 4 | 6 | 8-16 | 10 |
| 18 | JENOA | 12 | 1 | 5 | 6 | 11-19 | 8 |
| 19 | FIORENTINA | 12 | 0 | 6 | 6 | 10-19 | 6 |
| 20 | WERONA | 12 | 0 | 6 | 6 | 7-18 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 5 |
| 2 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 5 |
| 3 | Niko PAZ (Komo) | 5 |
| 4 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 5 |
| 5 | Jowanni SIMEONE (Torino) | 4 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 11 | 10 | 1 | 0 | 41-8 | 31 |
| 2 | LEIPSIG | 11 | 8 | 1 | 2 | 22-13 | 25 |
| 3 | BAÝER | 11 | 7 | 2 | 2 | 27-15 | 23 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 11 | 6 | 4 | 1 | 19-10 | 22 |
| 5 | ŞTUTGART | 11 | 7 | 1 | 3 | 20-15 | 22 |
| 6 | AÝNTRAHT | 11 | 6 | 2 | 3 | 27-22 | 20 |
| 7 | HOFFENHAÝM | 11 | 6 | 2 | 3 | 22-17 | 20 |
| 8 | UNION BERLIN | 11 | 4 | 3 | 4 | 14-17 | 15 |
| 9 | WERDER | 11 | 4 | 3 | 4 | 15-20 | 15 |
| 10 | KÖLN | 11 | 4 | 2 | 5 | 20-19 | 14 |
| 11 | FRAÝBURG | 11 | 3 | 4 | 4 | 15-20 | 13 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 11 | 3 | 3 | 5 | 16-19 | 12 |
| 13 | AUGSBURG | 11 | 3 | 1 | 7 | 15-24 | 10 |
| 14 | HAMBURG | 11 | 2 | 3 | 6 | 9-17 | 9 |
| 15 | WOLFSBURG | 11 | 2 | 2 | 7 | 13-21 | 8 |
| 16 | SANKT-PAULI | 11 | 2 | 1 | 8 | 9-21 | 7 |
| 17 | MAÝNS | 11 | 1 | 3 | 7 | 11-19 | 6 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 11 | 1 | 2 | 8 | 8-26 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 14 |
| 2 | Jonatan BURKARDT (Aýntraht) | 8 |
| 3 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 7 |
| 4 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 6 |
| 5 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 5 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 13 | 9 | 3 | 1 | 27-11 | 30 |
| 2 | MARSEL | 13 | 9 | 1 | 3 | 33-12 | 28 |
| 3 | LANS | 13 | 9 | 1 | 3 | 22-11 | 28 |
| 4 | LILL | 13 | 7 | 2 | 4 | 27-17 | 23 |
| 5 | STRASBUR | 13 | 7 | 1 | 5 | 24-17 | 22 |
| 6 | RENN | 13 | 5 | 6 | 2 | 23-18 | 21 |
| 7 | LION | 13 | 6 | 3 | 4 | 18-15 | 21 |
| 8 | MONAKO | 13 | 6 | 2 | 5 | 25-25 | 20 |
| 9 | NISSA | 13 | 5 | 2 | 6 | 18-23 | 17 |
| 10 | TULUZA | 13 | 4 | 4 | 5 | 18-17 | 16 |
| 11 | ANŽE | 13 | 4 | 4 | 5 | 11-15 | 16 |
| 12 | PARIŽ | 13 | 4 | 2 | 7 | 20-25 | 14 |
| 13 | LE HAWR | 13 | 3 | 5 | 5 | 13-20 | 14 |
| 14 | BREST | 13 | 3 | 4 | 6 | 17-23 | 13 |
| 15 | NANT | 13 | 2 | 5 | 6 | 12-19 | 11 |
| 16 | LORIÝAN | 13 | 2 | 5 | 6 | 15-27 | 11 |
| 17 | METS | 13 | 3 | 2 | 8 | 14-30 | 11 |
| 18 | OSER | 13 | 2 | 2 | 9 | 7-19 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 10 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 9 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 8 |
| 4 | Sofýan DIOP (Nissa) | 6 |
| 5 | Ilan KEBBAL (Pariž) | 5 |

# Fransiýaly futbolçydan 2 gol hem-de 3 asist

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň ýeňlişsiz lideri «Bawariýa» öz meýdançasynda «Fraýburg» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda myhmanlar duşuşygyň başynda Suzuki hem-de Manzambiniň gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne soňlugy bilen, özüni dürsän «Bawariýa» 6 gol geçirdi. Gollaryň 2-sini toparyň fransuz ýarymgoragçysy Olise öz adyna ýazdyryp, ol 3 gola-da asist etdi. Duşuşykdaky beýleki gollary Upamekano, Keýn hem-de Jekson derwezä girizdi. «Leipsigiň» öz meýdançasynda «Werderi» Wedraogo hem-de Şlageriň gollary esasynda 2–0 hasap bilen ýeňen tapgyrynda «Borussiýa Dortmunda» öz meýdançasynda «Ştutgarty» utmak başartmady. 3–3 hasabynda deňlikde tamamlanan oýunda ýer eýeleri 2 gezek öňe geçse-de, her sapar Deniz Undaw jogap berip, «Ştutgart» onuň het-trigi bilen ýeňlişden halas boldy.







**Ispaniýanyň çempionatynda** çempion «Barselona» öz meýdançasynda Bilbaonyň «Atletik» toparyny ýeňmek kyn düşmedi. Lewandowskiniň, Ferran Torresiň (2) hem-de Fermin Lopesiň gollary bilen 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan katalonlar «Real Madridden» 1 utuk yzda barýar. Sanawyň lideri «Real Madrid» 13-nji tapgyrda tasdanam ornuny «Barselona» aldyrypdy. Myhmançylykda «Elçe» bilen duşuşan madridliler garşydaşynyň 2 gezek öňe geçendigine garamazdan, hersinde-de deňlik goluny geçirip, ýeňlişden halas boldy. Febas bilen Rodrigesiň gollaryna «Real» topary Hýoýsen hem-de Bellingamyň takyk urgulary esasynda jogap berdi. Madridiň «Atletiko» topary myhmançylykda şäher derbisinde «Hetafeni» Duarteniň 82-nji minutda öz derwezesinden geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi. 3-nji ýerde öňdebaryjylaryň söbügini basyp barýan «Wilýarreal» öz meýdançasynda «Malýorkadan» 2–1 hasabynda üstün çykmagy başardy.

**Fransiýanyň çempionatynda** çempion PSŽ topary öz meýdançasynda «Le Hawr» toparyny Li Kan Iniň, Neweşiň hem-de Barkolanyň gollary bilen 3–0 hasabynda utdy. «Marsel» bolsa myhmançylykda «Nissa» toparyny 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Oýunda Grinwud 2 gezek tapawutlanyp, hasaby açan Pier-Emerik Obameýangyň karýerasyndaky gollarynyň sany 400-e ýetdi. Oliwie Žirunyň 2 gol geçiren oýnunda «Lill» öz meýdançasynda «Pariž» toparyny 4–2 hasabynda ýeňdi. «Nant» bilen «Loriýanyň» arasyndaky oýunda ýer eýeleriniň goragçysy Awazim 45+1-nji minutda öz derwezesinden gol geçirip, myhmanlary öňe saýlady. Ýöne ol 90+1-nji minutda ýene bir gol geçirip, bu gezek toparyny tasdanam özüniň sebäp boljak ýeňlişinden halas etdi.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «ARSENAL» ÝEŇLIŞSIZ ÝEKE-TÄK TOPAR

**UEFA Çempionlar Ligasynda 5-nji duşuşyklar geçirilip, 18 oýunda 66 gol derwezä girizildi. Diňe 1 oýunda hasap açylman, jemi 2 oýun deňlikde tamamlandy. 7 duşuşykda myhmanlar, 9 oýunda-da ýer eýeleri ýeňşini baýram etdi. 5-nji oýunlardan soň ýeňlişsiz diňe 1 topar galdy. Ol hem «Arsenal» bolup, Mikel Artetanyň tälim berýän topary 1/8 finalyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi. Has takygy, londonlylar ýaryşy ilkinji 24 orunda tamamlamaga hukuk gazandy. Bu tapgyrda italýan klublarynyň 3-si ýeňiş gazanyp, diňe biri utuldy. «Bundesliganyň» wekilleriniň 2-si ýeňip, 2-si ýeňildi. 5 klub bilen wekilçilik edýän Ispanlaryň abraýyny madridliler halas edip, «La Liganyň» 3 topary bu tapgyry ýeňliş bilen tamamladylar. 6 kluby gatnaşýan Angliýanyň «Premier Ligasynyň» 4 topary ýeňlişe sezewar boldy. Diňe Londonyň 3 klubunyň 2-si «Arsenal» bilen «Çelsi» güýçli bäsdeşlerinden rüstem çykmagy başardy. Fransuz hem-de portugal toparlary bu tapgyry ýeňlişsiz tamamladylar. Bu tapgyrda 2 futbolçy het-trik etmegi başardy. «Kairat» bilen «Bude-Glimt» toparlary ýaryşyň çäginde ilkinji ýeňişlerini 5-nji tapgyrda-da gazanyp bilmediler. Şol sanda «Wilýarreal», «Aýaks», «Slawiýa Praga», «Olimpiakos» toparlarynyň hem häzirlikçe ýeňşi ýok. «Wilýarreal», «Kairat» hem-de utuksyz «Aýaks» toparlarynyň ilkinji 8-lige düşmek mümkinçiligi galmady.**







«Çelsi» öz meýdançasynda «Barselonany» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda iňlis kluby güýçli garşydaşyny 3–0 hasabynda ýeňmegi başardy. Londonlylara ýeňiş getiren gollary 27-nji minutda Žul Kunde (o.d.), 55-nji minutda Estewao hem-de 73-nji minutda Liam Delap derwezä girizdi. Kukurelýanyň erjel oýun görkezen duşuşygynda 44-nji minutda «Barselonanyň» goragçysy Ronald Arauho gyzyl kart aldy. Bu duşuşyk Hansi Fligiň tälimçilik edýän klublarynyň Çempionlar Ligasynda gol geçirip bilmedik ilkinji oýny boldy.

### 100-nji duşuşygynda ýüzi gülmedi

Pep Guardiolanyň «Mançester Sitiniň» tälimçisi hökmünde Çempionlar Ligasyndaky 100-nji duşuşygynda şäherlilere ýeňiş gazanmak başartmady. Öz meýdançasynda «Baýer» bilen duşuşan «Mançester Siti» 2–0 hasabynda asgyn geldi. Lewerkuzenlilere ýeňiş getiren gollary 23-nji minutda Alehandro Grimaldo bilen 54-nji minutda Patrik Şik geçirdi. Bu olaryň şu möwsümdäki ilkinji ýeňlişidir. «Mançester Siti» Çempionlar Ligasynyň çäginde 7 ýyldan soň, ýagny 23 oýundan bäri öz meýdançasynda ýeňilmän gelýärdi.



Fransiýada «Marsel» topary «Nýukasl» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda iňlis kluby Harwi Barnsyň 6-njy minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne fransuz topary 2-nji ýarymyň başynda weteran hüjümçisi Pier-Emerik Obameýangyň 4 minutda geçiren gollary esasynda ýeňiş gazanmagy başardy.

### Girassiniň gollary

Germaniýanyň başga bir topary Dortmundyň «Borussiýasy» hem bu tapgyry ýeňiş bilen tamamlady. «Signal Iduna Park»-da ispan topary «Wilýarreal» bilen duşuşdy. 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan nemes toparynyň gollarynyň 2-sini Serhu Girassi geçirdi. 45+2-nji minutda tapawutlanan Girassi 54-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi. Ýöne ol derwezeçiden yzyna gaýdan topy täzeden urup hasaby 2–0-a ýetirdi. Onuň bu ýaryşdaky gollarynyň sany 23 oýunda 18-e ýetdi. Ol bu görkeziji boýunça Erling Holanndan soň 2-nji ýerde barýar. Duşuşykdaky beýleki gollary Adeýemi (58) bilen Swensson (90+5) geçirdi. Şeýle-de, oýnuň 82-nji minutynda ýer eýelerinden Fabio Silwa 11 metrlik jerime urgusyny takyk urup bilmedi. Oýnuň 50-nji minutynda «Wilýarrealyň» goragçysy Huan Foýt gyzyl kart aldy.

### Maradonanyň hatyrasyna

Italiýanyň çempiony «Napol»i ozalky futbolçysy, dünýä ýyldyzy, merhum Diego Maradonanyň ýatlama gününde (25-nji noýabrda, Maradonanyň aradan çykan güni) şol argentinaly oýunçynyň adyny göterýän stadionda Azerbaýjanyň «Garabag» toparyny 2-0 hasabynda utdy. Italýan klubuna ýeňiş getiren gollary MakTomineý (65) bilen Ýankowiç (72 ö.d.) geçirdi.

Mundan öňki 4 duşuşygynda ýeňşi bolmadyk «Ýuwentus» topary 5-nji oýnunda kyn hem bolsa 3 utugy gazanmagyň hötdesinden geldi. Myhmançylykda Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary bilen duşuşan «Ýuwentus» 90-njy minutdan soň ýeňşini baýram etdi. 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan turinlileriň gollaryny 2-nji ýarymda Openda, MakKenni hem-de Jonatan Dewid, ýer eýeleriniň gollaryny bolsa Blomberg bilen Brunstad Fet derwezä girizdi.

Utuksyz 2 toparyň oýnunda «Benfika» myhmançylykda «Aýaksdan» Samuel Dal (6) hem-de Barreironyň (90) gollary esasynda 2–0 hasap bilen üstün çykyp, ilkinji ýeňşini baýram etdi.

Türkiýäniň «Galatasaraý» topary-da yzly-yzyna 3 ýeňişden soň öz meýdançasynda ýaryşyň debýutanty «Ýunion Sent-Žilluaz» toparyndan 1–0 hasabynda asgyn geldi. Oýnuň ahyrky minutlarynda 1 oýunçy kem galan «Galatasaraýyň» derwezesinden ýeke-täk goly 57-nji minutda Promis Dewid geçirdi.

### «Arsenal» «Bawariýany» ahyry ýeňdi

Londonda «Arsenal» topary möwsümiň başyndan bäri ähli ýaryşlarda ýeňlişsiz gelýän «Bawariýanyň» bu statistikasyna soňky nokady goýdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Arsenal» 3–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, Çempionlar Ligasynda 5-nji oýunlardan soň ýeňlişsiz ýoluny dowam edýän ýeke-täk topar bolup galdy. 22-nji minutda Ýurrien Timberiň goly bilen öňe geçen londonlylara 32-nji minutda münhenliler Karlyň goly bilen jogap berdi. Ýöne 2-nji ýarymda erjel oýun görkezen «Arsenal» 69-njy minutda Maduekeniň, 77-nji minutda-da Martinelliniň gollary esasynda ýeňşini baýram etdi. «Arsenal» «Bawariýany» soňky gezek 2015-nji ýylda ýeňipdi. «Bawariýa» topary şu möwsümde ilkinji gezek ýeňlip, olar 18 duşuşygyň 17-sinde ýeňiş gazanypdy we 1 oýunda-da deňme-deň oýnapdy. Bu ýeňişden soň «Arsenal» topary 1/8 finala çykmagyň bosagasyna geldi. «Arsenal» topary liga tapgyryny ilkinji 24 toparyň arasynda tamamlamaga hukuk gazandy.

### Iň çalt 2-nji het-trik

Ispaniýanyň «Real Madrid» topary Gresiýanyň «Olimpiakos» toparynyň myhmany bolup, Pireý şäherinde geçirilen duşuşykda janköýerler 7 goluň şaýady boldular. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleri 8-nji minutda Çikinionyň goly bilen öňe geçdi. Ýöne madridlileriň jogaby gijikmedi hem-de uly boldy. Ispan toparynyň ýyldyzy Kilian Mbappe 7 minutyň dowamynda het-trik etmegi başardy. Ol 22-nji, 24-nji we 29-njy minutlarda tapawutlandy. Bu onuň şu möwsümdäki 2-nji, umumylykda Çempionlar Ligasyndaky 5-nji het-trigi hökmünde hasaba alyndy. Ol 6 minut 42 sekuntda 3 gol geçirip, Mohamed Salahdan (6,12 minut) soň bu ýaryşda iň çalt het-trik eden oýunçy boldy. 52-nji minutda Mehdi Taremi grek klubunyň umytlaryny oýarsa-da, 60-njy minutda Mbappe 4-nji goluny geçirip, aratapawudy ýene-de 2 gola çykardy. El Kaabiniň 81-nji minutdaky goly «Olimpiakosa» ýeňiş üçin ýeterlik bolmady we «Real Madrid» 4–3 hasabynda ýeňiş gazandy.



Madridiň beýleki topary «Atletiko» hem bu tapgyry ýeňiş bilen tamamlady. Italiýanyň «Inter» topary bilen duşuşan «Atletiko» 90-njy minutdan soň ýeňşini baýram etdi. 9-njy minutda Hulian Alwaresiň goly bilen öňe geçen ispan toparynyň derwezesinden 54-nji minutda Zielinski deňlik goluny geçirdi. Ýöne 90+3-nji minutda Himenes ispanlara ýeňiş getiren goly geçirip, «Interiň» ýeňlişsiz ýörişini soňlady.

Italiýanyň «Atalanta» topary myhmançylykda Germaniýanyň «Aýntraht» topary bilen duşuşyp, Frankfurtdan 3 golly ýeňiş bilen dolandy. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýunda italýan topary 5 minutda 3 goly garşydaşynyň derwezesinden girizdi. Gollary 60-njy minutda Lukman, 62-nji minutda onuň pasy bilen Ederson hem-de 65-nji minutda De Ketelare öz atlaryna ýazdyrdylar.

### «Liwerpul» öňünden çykandan utulýar

Möwsümiň başynda ýaryşyň iň esasy favoritleriniň hatarynda görkezilen «Liwerpuldaky» şowsuzlyklar dowam edýär. Öz meýdançasynda PSW toparyndan 4 gol geçirden iňlis kluby umumylykda soňky 12 duşuşygynda 9-njy gezek ýeňlişe sezewar boldy. Duşuşykda uly hasaply ýeňiş gazanan eýndhowenlileriň gollaryny 6-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Iwan Perişiç, 56-njy minutda Guus Til hem-de 73-nji we 90+1-nji minutlarda Kouhaib Drioş derwezä girizdi. «Liwerpul» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa 16-njy minutda Soboslai öz adyna ýazdyrdy. «Liwerpul» soňky 72 ýylda ilkinji gezek yzly-yzyna 3 oýunda uly hasaply netijeler bilen asgyn geldi.

Portugaliýada «Sporting» topary Belgiýanyň «Klub Brýugge» topary bilen duşuşyp, Jeowani Kuendanyň, Luis Suaresiň hem-de Fransişku Trinkaonyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu olaryň 3-nji ýeňşi bolup, lissabonlylar 8-nji orna beýgeldi.

### Çempionyň 5 golly kembegi

Soňky çempion PSŽ öz meýdançasynda «Tottenham» bilen duşuşyp, oýunda 8 gol derwezä girizildi. Londonlylar 2 gezek öňe saýlansa-da, bu olara ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. 35-nji minutda Rişarlison hasaby açsa, 45-nji minutda Witinýa deňlik goluny geçirdi. 50-nji minutda PSŽ-niň öňki futbolçysy Kolo Muani «Tottenham» toparyny 2-nji gezek öňe çykardy. Emma ýene-de Witinýa, bu gezek 3 minutdan soň hasaby deňledi. 59-njy minutda Fabian Ruiziň goly bilen parižliler duşuşykda 1-nji gezek öňe saýlandy. 65-nji minutda Paço aratapawudy has-da artdyrdy. 73-nji minutda ýene-de Kolo Muani iňlis klubunyň umytlaryny täzelese-de, 76-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran Witinýa het-trigini tamamlap, oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, PSŽ 5–3 hasabynda ýeňiş gazanyp, utugyny 12-ä çykardy we 2-nji basgançaga çykdy.

Daniýada «Kopengagen» topary Gazagystanyň «Kairat» toparyny kabul etdi. Ýer eýeleri Dagason, Larsson hem-de Robertyň gollary bilen 3-0 hasabynda öňe geçdi. Soňky 10 minutda 2 gol geçiren almatylylar garşydaşyny aljyraňňy ýagdaýa salsa-da, bu olara ýeňiş üçin ýeterlik bolmady.

Ýaryşyň başga bir debýutanty Kipriň «Pafos» topary öz meýdançasynda «Monako» bilen duşuşyp, 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. Myhmanlar Minaminonyň hem-de Balogunyň gollary bilen 2 gezek öňe geçse-de, ýer eýeleri olaryň ýeňiş gazanmagyna rugsat bermedi. Dawid Luiziň 18-nji hem-de 88-nji minutda Salisunyň awtogoly bilen ýeňlişden halas boldy.

Tapgyryň ýeke-täk golsuz duşuşygy Pragada hasaby alnyp, «Slawiýa» bilen «Atletik Bilbaonyň» arasyndaky oýunda hasap açylmady.

Çempionlar Ligasynda 6-njy duşuşyklar, şol sanda ýylyň iň soňky oýunlary 9-10-njy dekabrda geçiriler.

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Arsenal | 5 | 5 | 0 | 0 | 14–1 | 15 |
| 2 | PSŽ | 5 | 4 | 0 | 1 | 19–8 | 12 |
| 3 | Bawariýa | 5 | 4 | 0 | 1 | 15–6 | 12 |
| 4 | Inter | 5 | 4 | 0 | 1 | 12–3 | 12 |
| 5 | Real Madrid | 5 | 4 | 0 | 1 | 12–5 | 12 |
| 6 | Borussiýa Dortmund | 5 | 3 | 1 | 1 | 17–11 | 10 |
| 7 | Çelsi | 5 | 3 | 1 | 1 | 12–6 | 10 |
| 8 | Sporting | 5 | 3 | 1 | 1 | 11–5 | 10 |
| 9 | Mançester Siti | 5 | 3 | 1 | 1 | 10–5 | 10 |
| 10 | Atalanta | 5 | 3 | 1 | 1 | 6–5 | 10 |
| 11 | Nýukasl | 5 | 3 | 0 | 2 | 11–4 | 9 |
| 12 | Atletiko Madrid | 5 | 3 | 0 | 2 | 12–10 | 9 |
| 13 | Liwerpul | 5 | 3 | 0 | 2 | 10–8 | 9 |
| 14 | Galatasaraý | 5 | 3 | 0 | 2 | 8–7 | 9 |
| 15 | PSW | 5 | 2 | 2 | 1 | 13–8 | 8 |
| 16 | Tottenham | 5 | 2 | 2 | 1 | 10–7 | 8 |
| 17 | Baýer | 5 | 2 | 2 | 1 | 8–10 | 8 |
| 18 | Barselona | 5 | 2 | 1 | 2 | 12–10 | 7 |
| 19 | Garabag | 5 | 2 | 1 | 2 | 8–9 | 7 |
| 20 | Napoli | 5 | 2 | 1 | 2 | 6–9 | 7 |
| 21 | Marsel | 5 | 2 | 0 | 3 | 8–6 | 6 |
| 22 | Ýuwentus | 5 | 1 | 3 | 1 | 10–10 | 6 |
| 23 | Monako | 5 | 1 | 3 | 1 | 6–8 | 6 |
| 24 | Pafos | 5 | 1 | 3 | 1 | 4–7 | 6 |
| 25 | Ýunion Sent-Žilluaz | 5 | 2 | 0 | 3 | 5–12 | 6 |
| 26 | Klub Brýugge | 5 | 1 | 1 | 3 | 8–13 | 4 |
| 27 | Atletik Bilbao | 5 | 1 | 1 | 3 | 4–9 | 4 |
| 28 | Aýntraht | 5 | 1 | 1 | 3 | 7–14 | 4 |
| 29 | Kopengagen | 5 | 1 | 1 | 3 | 7–14 | 4 |
| 30 | Benfika | 5 | 1 | 0 | 4 | 4–8 | 3 |
| 31 | Slawiýa Praga | 5 | 0 | 3 | 2 | 2–8 | 3 |
| 32 | Bude-Glimt | 5 | 0 | 2 | 3 | 7–11 | 2 |
| 33 | Olimpiakos | 5 | 0 | 2 | 3 | 5–13 | 2 |
| 34 | Wilýarreal | 5 | 0 | 1 | 4 | 2–10 | 1 |
| 35 | Kairat | 5 | 0 | 1 | 4 | 4–14 | 1 |
| 36 | Aýaks | 5 | 0 | 0 | 5 | 1–16 | 0 |

**AÝAKS – BENFIKA: 0–2**
*/Samuel Dal 6, Barreiro 90/*
**GALATASARAÝ – ÝUNION SENT-ŽILLUAZ: 0–1**
*/Dewid 57/*
**BORUSSIÝA DORTMUND — WILÝARREAL: 4–0**
*/Girassi 45+2, 54, Adeýemi 58, Swensson 90+5/*
**ÇELSI — BARSELONA: 3–0**
*/Kunde 27 ö.d., Estewao 55, Delap 73/*
**BUDE-GLIMT — ÝUWENTUS: 2–3**
*/Blomberg 27, Brunstad Fet 87 p — Openda 48, MakKenni 59, Dewid 90+1/*
**MANÇESTER SITI — BAÝER: 0–2**
*/Grimaldo 23, Şik 54/*
**MARSEL — NÝUKASL: 2–1**
*/Obameýang 46, 50 — Barns 6/*
**SLAWIÝA PRAGA — ATLETIK BILBAO: 0–0**
**NAPOLI — GARABAG: 2–0**
*/MakTomineý 65, Ýankowiç 72 ö.d./*
**KOPENGAGEN — KAIRAT: 3–2**
*/Dagason 26, Larsson 59 p, Robert 73 — Satpaýew 81, Baýbek 90/*
**PAFOS — MONAKO: 2–2**
*/Dawid Luiz 18, Salisu 88 ö.d. — Minamino 5, Balogun 26/*
**ARSENAL — BAWARIÝA: 3–1**
*/Timber 22, Madueke 69, Martinelli 77 — Karl 32/*
**ATLETIKO MADRID — INTER: 2–1**
*/Hulian Alwares 9, Himenes 90+3 — Zielinski 54/*
**AÝNTRAHT — ATALANTA: 0–3**
*/Lukman 60, Ederson 62, De Ketelare 65/*
**LIWERPUL — PSW: 1–4**
*/Soboslai 16 — Perişiç 6 p, Til 56, Drioş 73, 90+1/*
**OLIMPIAKOS — REAL MADRID: 3–4**
*/Çikinio 8, Mehdi Taremi 52, El Kaabi 81 — Kilian Mbappe 22, 24, 29, 60/*
**PSŽ — TOTTENHAM: 5-3**
*/Witinýa 45, 53, 76 p, Fabian 59, Paço 65 — Rişarlison 35, Kolo Muani 50, 73/*
**SPORTING — KLUB BRÝUGGE: 3–0**
*/Kuenda 24, Suares 31, Trinkao 70/*

## Iň köp gol geçirenleriň sanawy

**Kilian Mbappe (Real Madrid) – 9 gol**
**Wiktor Osimhen (Galatasaraý) – 6 gol**
**Erling Holann (Mançester Siti) – 5 gol**
**Harri Keýn (Bawariýa) – 5 gol**
**Gabriel Martinelli (Arsenal) – 4 gol**
**Lautara Martines (Inter) – 4 gol**
**Harwi Barns (Nýukasl) – 4 gol**
**Markus Reşford (Barselona) – 4 gol**
**Antoni Gordon (Nýukasl) – 4 gol**
**Witinýa (PSŽ) – 4 gol**

# Pleý-off tapgyrynyň bijeleri çekildi

**FIFA Dünýä Kubogy 2026-nyň ähli yklymlardaky saýlama duşuşyklarynyň esasy tapgyry tamamlandy we gatnaşjak 48 ýygyndynyň 42-si belli boldy. Galan 6 topar üçin bolsa geljek ýylyň mart aýynda pleý-off duşuşyklary geçiriler.**




UEFA zolagynyň 2-nji saýlama tapgyrynyň, has takygy, pleý-off duşuşyklarynyň bijeleri çekildi. 12 toparçada 2-nji ýeri eýelänler bilen UEFA Milletler Ligasynda-da şowly netije görkezen 4 ýygyndy pleý-off tapgyrynda çykyş eder.

Bijä laýyklykda, «A» geçelgede mundan öňki 2 ýaryşyň daşynda galan Dünýäniň 4 gezek çempiony Italiýanyň ýygyndysy bassyr 3-nji sapar janköýerlerini gynandyrmajak bolsa ilki Demirgazyk Irlandiýanyň ýygyndysyny ýeňmeli bolar. Italýanlar finala çykan ýagdaýynda Uelsiň ýa-da Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysy bilen duşuşar. Ýeri gelende bellesek, Italiýanyň ýygyndysyna soňky 2 Dünýä Kubogyna pleý-off tapgyrynda ýeňiş gazanyp bilmändigi üçin gatnaşmak başartmady. Olar Russiýa 2018-e Şwesiýadan, Katar 2022-ä Demirgazyk Makedoniýadan asgyn gelip, yzly-yzyna 2 Dünýä Kubogy ýaryşyna gatnaşyp bilmändi.




«B» geçelgede Ukraina bilen Şwesiýanyň ýygyndylary hem-de Polşa bilen Albaniýanyň ýygyndylary bije çekişdi. Ýeňiş gazanan 2 topar finalda duşuşar.

«C» geçelgede Türkiýe bilen Rumyniýanyň hem-de Slowakiýa bilen Kosowonyň milli ýygyndylary duşuşarlar. Ýeňijiler finalda Dünýä Kubogyna gatnaşmak üçin özara göreşerler.

«D» geçelgede Çehiýa bilen Irlandiýanyň milli toparlary duşuşyp, ýeňiş gazanan topar Daniýanyň ýa-da D. Makedoniýanyň milli ýygyndylarynyň arasyndaky oýnuň ýeňijisi bilen finalda özara güýç synanyşar.

Ýarym final duşuşyklary 2026-njy ýylyň 26-njy martynda oýnalsa, final duşuşyklary 31-nji martda geçiler. Şeýlelikde, Ýewropadan gatnaşjak 16 toparyň ählisi hem tamamlanar.

**«A» geçelge:** Italiýa – D. Irlandiýa, Uels – Bosniýa we Gersegowina
**«B» geçelge:** Ukraina – Şwesiýa, Polşa – Albaniýa
**«C» geçelge:** Türkiýe – Rumyniýa, Slowakiýa – Kosowo
**«D» geçelge:** Daniýa – D. Makedoniýa, Çehiýa – Irlandiýa

### Soňky 2 ýygyndyny kesgitlejek duşuşyklar

Dünýä Kubogy 2026-nyň yklymlararasy pleý-off tapgyryndan soň gatnaşjak toparlaryň hem bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, 2 ýygyndy 48 toparyň hataryna goşular. Bu ugurda Demirgazyk we Merkezi Amerika hem-de Karibler zolagyndan 2, Afrikadan 1, Aziýadan 1, Okeaniýadan 1 hem-de Günorta Amerikadan 1 ýygyndy bäsleşer. Bu tapgyryň ähli duşuşygy Meksikanyň Zapopan hem-de Guadalupe şäherlerinde geçiriler.

1-nji geçelgede Täze Kaledoniýa bilen Ýamaýkanyň ýygyndylary duşuşar. Ýeňiş gazanan topar Kongo DR-niň ýygyndysy bilen final duşuşygyny geçirer.

2-nji geçelgede bolsa Boliwiýa bilen Surinamyň ýygyndylarynyň özara duşuşygynyň ýeňijisi Yragyň milli topary bolar.

Duşuşyklar geljek ýylyň 26-njy we 31-nji martynda oýnalar.

Gazetiň kagyz nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
«Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutmak arkaly abuna ýazylyp bilersiňiz.

Gazetiň elektron nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
ABONENT BOL
zamanturkmenistan.com.tm saýtynyň ýokarsyndaky ABONENT BOL düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň hepdelik PDF nusgasyny nädip alyp bolar?
PDF
zamanturkmenistan.com.tm saýtyndaky ZAMAN TÜRKMENISTAN PDF düwmesine ýa-da turkmenmetbugat.gov.tm saýtynda «Pudak gazet-žurnallary» bukjasyny saýlap Abuna ýazyl düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň mobil goşundysyny nähili ýükläp alyp bolar?
Android we iOS smartfonlarynda Google Play hem-de App store elektron dükanyndan zamanturkmenistan mobil goşundyny ýükläp, habarlar bilen dessine tanşyp bilersiňiz.

ZAMAN TÜRKMENISTAN international media
Abuna – 2026
«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.
Täzelikleri täzeligine okaň!